# 1-nji SAPAK

## *Tema:* «Türkmenistanyň taryhy» dersi we Türkmenistanyň dünýä siwilizasiýasyndaky orny.

1. «Türkmenistanyň taryhy» dersi, ony öwrenmegiň maksady we wezipeleri.
2. «Türkmenistanyň taryhy» boýunça esasy çeşmeler we edebiýatlar.
3. Türkmen halkynyň dünýä siwilizasiýasyna goşan gymmatlyklary.
4. Türkmen halkynyň dünýä belli şahsyýetleri.

### 1. **«Türkmenistanyň taryhy» dersi, ony öwrenmegiň maksady we wezipeleri.**

Taryh – «historia» diýen grek sözünden emele gelip, «geçen hem-de öwrenilen wakalar hakynda gürrüň» diýmekligi aňladýar. Taryh ylmy jemgyýetçilik ylymlarynyň biri bolup, adamzadyň geçmişini anyk we köpdürli maglumatlaryň esasynda öwrenýän ylymdyr. Taryh bütindünýä (ähliumumy) we aýry-aýry ýurtlaryň we halklaryň taryhyndan ybaratdyr. Bularyň arasynda Türkmenistanyň taryhy hem öz mynasyp ornuny eýeleýär.

Türkmenistanyň garaşsyz döwlet bolmagy bilen, ýurdumyzyň, halkymyzyň taryhyny has giň we çuň öwrenmeklik döwrüň talabyna öwrüldi. Sebäbi her bir halkyň durmuşynda garaşsyzlygyň gazanylmagy bilen baglanyşykly milli galkynyş hereketi başlananda, onuň ene diline we taryhyna bolan talap artýar, çünki ene dili bilen taryh milli galkynyşyň ruhy çeşmeleri bolup durýar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda «Türkmenistanyň taryhy» dersi özbaşdak we doly göwrümli ders hökmünde umumybilim, başlangyç hünär bilimi, ýörite hünär bilimi we ýokary hünär bilimi edaralarynda, ýagny orta mekdeplerde, hünärmentçilik mekdeplerinde, liseýlerde, kollejlerde, orta hünär mekdeplerinde, uniwersitetlerde, institutlarda, akademiýalarda okadylyp başlandy.

«Türkmenistanyň taryhy» dersi wagt taýdan Türkmenistanyň topraklarynda adamzat medeniýetiniň – siwilizasiýasynyň ilkinji ojaklarynyň dörän döwürlerinden başlap häzirki günlere çenli döwri öz içine alýar. Giňişlik taýdan bolsa, häzirki Türkmenistan döwletimiziň çäkleri bilen bir hatarda, onuň çäklerinden daşardaky sebitlere ýaýran ata-babalarymyzyň taryhyny hem öz içine alýar.

«Türkmenistanyň taryhy» dersini öwrenmegiň esasy maksady we wezipeleri şulardan ybaratdyr:

- talyplary türkmen halkynyň gahrymançylykly taryhy, ata-babalarymyzyň milli-medeni mirasy bilen tanyşdyrmak;
- talyplarda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan Watanymyza, türkmen halkyna, döwlet baştutanymyza wepalylyk, söýgi, hormat duýgularyny ösdürmek;
- her bir talybyň öz milli döwletiniň, jemgyýetiniň, taryhy ykbalynyň öňündäki jogapkärçiligini bilmegini terbiýelemek;
- talyplaryň özbaşdak pikirlenme endiklerini ösdürmek, olaryň taryhy wakalara dogry we doly düşünmeklerini gazanmak;
- talyplarda milletiň geçen taryhy ýoluny, şu günki döwrüni deňeşdirmek başarnygyny kemala getirmek;
- talyplaryň öz aň-düşünjesini, gylyk-häsiýetini ata-babalarymyzyň taryhy ýörelgeleri esasynda özgertmek başarnygyny kemala getirmek;
- talyplarda milli buýsanç hem guwanç duýgusyny kemala getirmek;
- talyplaryň türkmen halkynyň baý taryhyndan esasy, has derwaýys möhüm wakalaryny saýlap almaklaryna, ata-babalarymyzyň geçmişdäki toplan tejribesini gündelik durmuşlarynda peýdalanmaklaryna ýardam etmek;
- talyplarda ylmy-derňew endiklerini kemala getirmek we ösdürmek.

## 2. **«Türkmenistanyň taryhy» boýunça esasy çeşmeler we edebiýatlar.**

Taryh öwrenilende, geçmişiň diňe asyrlary däl, eýsem müňlerçe ýyllary barada gürrüň edilýär. Gürrüňi edilýän wakalaryň ynandyryjy we takyk beýan edilmegi bolsa taryhy çeşmelerden peýdalanmak arkaly gazanylýar. Taryhy çeşmeler näme? Adamzadyň geçmişine degişli sähelçe maglumat berip bilýän islendik zat taryhy çeşmedir. Taryhy çeşmelere maddy (arheologik, arhitektura) tapyndylar, ýazuw ýadygärlikleri (gaýalara, daşlara ýazylan ýazgylar), öwrenilýän döwürde ýaşap geçen alymlaryň, syýahatçylaryň eserleri, halk döredijilgine we nusgawy edebiýata degişli eserler, ýazuw çeşmeleri (resminamalar-dokumental materiallar), kino, surat we ses ýazgylary degişlidir.

Maddy (arheologik, arhitektura) tapyndylar taryhyň gadymy döwürlerini bilmekde bahasyna ýetip bolmajak materiallardyr. Arheologik gazuw-agtaryş işleri esasynda ýurdumyzda gadymy adamlaryň Ýaňyja, Jebel gowagy, Jeýtun, Namazgadepe ýaly mesgenleriniň üsti açyldy. Şol ýerlerden tapylan zähmet gurallary, bezeg şaýlary, ýaraglar, hojalyk-durmuşy desgalaryň galyndylary taryhçylary gymmatly maglumatlar bile üpjün etdi. Türkmen halkynyň 5 müň ýyllyk taryha eýe bolan gadymy halkdygy hem, ýaşy 5 müň ýyl diýlip ykrar edilen arheologik tapyndylaryň (ak bugdaýyň) tapylmagy esasynda subut edilýär.

Bulardan başga-da, soňraky döwürleriň taryhyny şöhlelendirmekde şäherlerdir kerwensaraýlaryň, harby-goranyş berkitmeleriniň harabalyklary gymmatly taryhy çeşmeler bolup durýar. Muňa mysal edip, Altyndepäni (Ahal welaýatynyň Mäne obasynyň golaýynda), Goňurdepäni (Mary welaýatynyň Garagum etrabynda), Nusaýy (Aşgabadyň golaýynda), Gürgenji (Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynda), Maşat Misseriany (Balkan welaýatynyň Etrek etrabynda) we beýlekileri görkezmek bolar. Taryhy çeşme hökmünde tanymal şahslaryň mawzoleýileri, dürli-dürli desgalarynyň galyndylary we ş.m.-ler hem uly ähmiýete eýedir.

Türkmenleriň taryhyny öwrenmek bilen baglanyşykly iň irki ýazuw ýadygärliklerine dag gaýalarynyň ýüzüne oýulyp ýazylan Behistun ýazgylary, şeýle hem oguz-orhon ýazgylary degişlidir. Oguz-orhon ady bilen belli ýazgylar, ýagny ýüzünde taryhy ýazgylar ýazylan daşlar 1889-njy ýylda Günbatar Sibirde Orhon derýasynyň akymynda tapylýar. Bu daşlarda ýazylan elipbiýiň gadymy türkmen elipbiýidigini we daşlardaky ýazgylaryň, hatlaryň türkmençedigini 1893-nji ýylda alymlar anyklaýarlar.

Öwrenilýän döwürde ýaşap geçen alymlaryň, syýahatçylaryň eserleri barada aýdylanda bolsa, Ibn Fadlanyň, Al-Birunynyň, Mahmyt Kaşgarynyň, Salyr baba Gulaly oglunyň, Abulgazy Bahadyr hanyň, Reşid-ed-diniň we beýleki alymlardyr döwlet işgärleriniň eserleri, dürli döwürlerde Türkmenistanda bolan ýa-da onuň üstünden geçip giden syýahatçylar (Rim papasynyň ilçisi, monah Plano Karpini, Wenesiýaly täjir Marko Polo, iňlis syýahatçysy Entoni Jenkinson, türk syýahatçysy Ewliýa Çelebi, wenger syýahatçysy Arminiý Wamberi we beýlekiler) tarapyndan ýazylan ýazgylar Türkmenistanyň taryhyny öwrenmekde uly ähmiýete eýedir.

Halkyň taryhyny öwrenmekde halk döredijiligi we nusgawy edebiýat hem uly ähmiýete eýedir. Halk döredijiliginiň (rowaýat, dessan, erteki, aýdym, läle, hüwdi we ş.m.-leriň) taryhy çeşmeler hökmünde aýratynlygy olaryň asyrlaryň dowamynda «timarlanmagy», üstüniň ýetirilmegidir. Bu bolsa käbir halatda taryhy hakykatyň üýtgedilip berilmek meýlini öňe çykarýar. Muňa garamazdan, halk döredijiligi halkyň ruhy dünýäsini, aňyýetini, sosial-hojalyk durmuşyny, gelip çykyşyny, ýerleşen ýerlerini, aýry-aýry şahslary öwrenmekde goşmaça maglumatlary berýär. Halk döredijiligine degişli bolan «Ergenokon», «Görogly», «Gorkut ata», «Oguznama» eposlary, birnäçe dessanlar muňa mysal bolup biler.

Türkmenistanyň sowet döwrüni we garaşsyz Türkmenistanyň taryhyny öwrenmeklik bolsa köp babatda ýazuw çeşmelerine esaslanýar. Olaryň esasy görnüşleri döwlet ýolbaşçylarynyň çykyşlary, kanunçylyk namalary, statistik ýygyndylar, iş dolandyryş resminamalary, döwürleýin metbugat, ýatlamalardyr. Bularyň ep-esli bölegi resminamalary saklamak boýunça ýöriteleşdirilen edaralar bolan arhiwlerde saklanýar.

Taryhy çeşmeler taryh ylmynyň birnäçe pudaklary arkaly ýüze çykarylýar we öwrenilýär. Mysal üçin *arheologiýa* gadymyýet hakyndaky ylym bolup, adamzadyň geçmişini tapyndylar arkaly öwrenýär, ýagny maddy tapyndy çeşmeleri gözläp tapmak, ýygnamak we öwrenmek bilen meşgullanýar. *Etnografiýa* ylmy halklary, olaryň däp-dessurlaryny, maddy we ruhy medeniýetini öwrenýär. Bular bilen bir hatarda, *paleografiýa* hat-ýazuw çeşmelerini, *numizmatika* bolsa gadymy şaýy pullary öwrenmek arkaly adamzadyň geçmişi barada maglumatlary ylmy taýdan işläp düzýärler.

## 3. Türkmen halkynyň dünýä siwilizasiýasyna goşan gymmatlyklary.

Türkmenler adamzadyň taryhynda öz döreden maddy we ruhy gymmatlyklary bilen yz galdyran, dünýä siwilizasiýasyna (medeniýetine) goşant goşan beýik halkydyr. Türkmen halky dünýäniň taryhynda ajaýyp yzlary galdyryp, dünýäniň ylmyna, edebiýatyna, medeniýetine, umuman, dünýä ösüşlerine ummasyz goşantlary goşandyr.

Maddy gymmatlyklar babatynda, türkmenleriň arabany ilkinji bolup döredendiklerini, munuň bolsa goşunyň, döwletiň işlerini ep-esli ýeňilleşdirendigini, magdan eredip, ondan her hili gurallary ilkinji bolup türkmenleriň ýasap başlandyklaryny, gadymyýetde dünýäde iň oňat matalaryň Merwde, Nusaýda dokalandygyny we türkmen ýaýlasynyň ýüpek matalary, ýüpek halylary bilen dünýäde meşhurlyk gazanandyklaryny biz taryhdan bilýäris. Şeýle hem, türkmen halky dünýä päkize türkmen bedewlerini, päkize türkmen halysyny, päkize türkmen şap-seplerini, päkize milli geýim-gejimlerini, päkize ak bugdaýyny, saryja goýnunyň tohumyny, saz gurallaryny berendir.

Türkmen bedewi diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem bütin adamzat gymmatlygydyr. Türkmenistanyň çäklerinde müňlerçe ýyl mundan ozal ýabany haýwanlaryň, şol sanda atlaryň eldekileşdirilip başlandygyny taryhçylar belleýärler. Altyndepeden atlaryň heýkeljikleri, Marguşdan atlaryň jaýlanan ýerleri tapyldy. Türkmenleriň ata-babalary Aziýa, Ýewropa we Demirgazyk Afrika giňden ýaýrap, olar atlary harby ulag hökmünde ulanypdyrlar. Atly goşun Parfiýa döwletiniň goşunynyň esasy bölegi bolupdyr. Türkmen atlary gadymy wagtlarda hem dünýäde şöhratlanypdyr. Köp ýurtlaryň hökümdarlary ahalteke atlaryny edinmäge çalşypdyr. Dürli ýurtlarda olaryň şekilleri gadymy heýkeljiklerde we relýeflerde saklanylyp galypdyr. Dünýäniň ähli çapylýan atlarynyň meşhur bolmagynda türkmen bedewleriniň mynasyp orny bardyr.

Haly – türkmen durmuşynda gadymdan meşhur bolup gelen nesip sungatdyr. Ata-babalarymyz müňlerçe ýyl mundan ozal haly dokamaga başlapdyrlar. Arheologlar Sumbar jülgesinden haly keserlerini tapdyrlar. Haly sungatynyň iň gadymy ýadygärligi – Pazyryk halysy Altaýyň Pazyryk depesinden tapyldy. Onuň dokalanyna iki ýarym müň ýyl bolandygy alymlar tarapyndan anyklandy. Pazyryk halysy Sankt-Peterburgyň Ermitažynda saklanylýar.

Ruhy gymmatlyklar babatynda aýdylanda bolsa, beýik taryhy eserler bolan türkmen “Oguznamalary”, ajaýyp türkmen dessanlary, gaýtalanmaz şygryýet, türkmen sopuçylyk pelsepesi, çuňňur türkmen sazy ýaly ruhy gymmatlyklaryň baryny türkmenler müňýyllyklaryň dowamynda döredipdirler. Türkmenistan ylym adamlarynyň, danalaryň, danyşmentleriň, şahyrlaryň mesgenine öwrülipdir. Mahmyt

Gaznalynyň, seljuk türkmenleriniň soltanlarynyň, Köneürgenç soltanlygynyň döwründe türkmenler bütin yslam dünýäsinde ylmyň, edebiýatyň, sungatyň kerwenini çekipdirler. Ylma, sungata, ruhy dünýäsine berlen Köneürgenç döwleti synandan soň, türkmeniň beýik danyşmantleri, alymlary, edebiýat we sungat adamlary diňe bir Türkiýäniň üsti bilen däl, eýsem ikinji, başga ýol bilen hem – Kawkaza, Ruma, Arabystana, ondanam Müsüriň üsti bilen Ispaniýa geçendirler we şeýlelik bilen, türkmen halkynyň ylmy-önümçilik gazananlary Ýewropa ylmy-önümçiligine, ösüşine hamyrmaýa, gönezlik bolandyr.

Türkmenleriň dünýä siwilizasiýasyna (medeniýetine) goşant ýene bir gymmatlygy hem, döwlet gurmak we edara etmek tejribesidir. Mälim bolşy ýaly, türkmen halky taryhyň dowamynda jemi 70-den gowrak döwlet döreden halkdyr. Aýratyn hem türkmen ruhunyň ikinji eýýamynda taryhy sahna ymykly çykan oguzlar-türkmenler şeýle bir uly hem çuňňur döwlet – syýasy tejribesini toplapdyrlar. Onsoň Gündogarda „Döwlet gurjak bolsaň, türkmeni çagyr“ diýen nakyl döräpdir. Çünki sanly asyryň içinde Orta we Kiçi Aziýada, Kawkazda, Müsürde, Hindistanda we gaýry sebitlerdir ýurtlarda gurlan türkmen döwletleriniň sany onlarça bolupdyr.

Türkmenler döwlet gurmakda adalatlylyk, ynsanperwerlik ýol-ýörelgelerinden ugur alypdyrlar. Türkmen hökümdarlary nähak gan dökmegi Hudaýdan daş düşmek hökmünde görüpdirler. Guran döwletlerini türkmenleriň zandynda bar bolan adalat, adyllyk, parahatlyksöýüjilik, geçirimlilik ýörelgeleri boýunça dolandyrypdyrlar. Şeýle hem, döwletiň gurlan sebitindäki ähli halklaryň ykbalyna deň göz bilen garap, medeniýetlerini ösdürmek, ýollar, köprüler, metjitler, kerwensaraýlar gurdurmak işleri bilen meşgul bolupdyrlar.

## 4. <u>Türkmen halkynyň dünýä belli şahsyýetleri.</u>

Türkmenleriň köp müňýyllyk taryhynyň dowamynda öz aýratyn başarnygy, ukyby, zehini, pähim-paýhasy, batyrlygy bilen tapawutlanýan şahsyýetler - hökümdarlar, serkerdeler, alymlar, şahyrlar döräpdir. Olaryň başynda nesilbaşymyz Oguz han Türkmen gelýär. Oguz han Türkmen oguzlaryň – türkmenleriň beýik patyşasydyr. Oguz hanyň ýurdy gadymy Turany, şol sanda häzirki Türkmenistany hem öz içine alypdyr.

Oguz han türkmenleriň nesilbaşysy bolup, onuň 6 ogly we her oglundan 4 agtygy – jemi 24 agtygy bolupdyr. Dünýäde ýaşaýan ähli türkmenler Oguz hanyň 24 agtygyndan gaýdan şahadan gelip çykypdyrlar.

Oguz han Türkmen baradaky rowaýatlar köp halklaryň edebi mirasynda duş gelýär. Şol maglumatlarda Oguz hanyň ägirt uly şahsyýet bolandygy, dünýäniň köp ýerini tabyn edip, uly döwlet gurandygy, ýeke hudaýlyk pikirini öňe sürüp, täze dünýä garaýyşyny döredendigi, onuň kowmundan onlarça tire-taýpalaryň we halklaryň emele gelendigi aýdylýar.

Oguz han Türkmeniň guran döwletiniň güýji – berk kada-kanun esasda ýaşalanlygyndadyr.

Oguz hanyň ýörelgeleri we pentleri, esasan, döwleti we jemgyýeti dolandyrmak, jemgyýetde sagdyn gatnaşyklary ösdürmek, ahlak kada-kanunlary, maşgala edebi, goňşy halklar bilen parahatçylykda we agzybirlikde ýaşaşmak ýaly ugurlary öz içine alýar. Mysal üçin, «Il-ulus, ýurt tutmak uly işdir. Patyşa mydama aňly we her işden habardar bolmalydyr», «Uly bolsaň – uly ýük, kiçi bolsaň kiçi ýük», «Hiç kim hyýanat, ogurlyk we haramlyk etmez ýaly, haýyn we günäli kişileriň çäresini görmek gerek», «Ylalaşyk we ýaraşyk eden duşmanlary dargatmak bolmaz. Tersine, olardan birnäçesini dost ederler, getirerler» we ş.m.-ler.

Türkmeniň edim-gylymlarynyň, durmuş parasatlarynyň çeşmesi Oguz handan gaýdýar. Türkmeniň beýik döwletliligi Oguz handan gaýdýar. Oguz han öz ýörelgeleri bilen, öwüt-pentleri bilen halkyň aňyna, ruhuna, ganyna siňendir. Olaryň birnäçe bolsa, türkmenleriň genji-hazynasy hasaplanylýan nakyllara we halk pähimlerine öwrülendir: «Ulusyny sylan beg bolar, begini sylan – ýeg», «Keçäňi satsaň, goňşyňa sat, baraňda ýene özüň oturarsyň», «Ýaşulusy bolmadygyň, ýaşkiçisi bolmaz», «Könesi bolmadygyň – täzesi bolmaz», «Özüňi süýt bil, dostuňy gaýmak», «Kyýamat güni goňşudan» we beýlekiler.

Oguz hanyň neberesinden bolan beýik şahsyýetleriň biri hem Gorkut atadyr. Gorkut ata türkmenleriň gaýa taýpasyndan gelip çykypdyr. Ol Muhammet pygamberiň döwürdeşi bolupdyr we yslam dinini kabul edip, ilkinjileriň hatarynda haç parzyny berjaý edipdir we oguz-türkmenleriň ählisiniň üstünde ýokary musluman dininiň wekili edip bellenilipdir.

Yslam dinini meýletin kabul eden Gorkut ata türkmen ruhunyň täze bir giňişligini açandyr. Özüniň iman, ahyrýet hakyndaky pelsepesi bilen Gorkut ata ahlagyň täze gymmatlyklaryny işläp düzendir we bu dünýäde eden işleriňe hasap bermelidigini we ahyrýetiň bardygyna ynanmalydygyny (iman etmegi) ündän türkmen danasy hökmünde tanalýandyr.

Diňe bir türkmenleriň taryhynda däl, eýsem bütin dünýä taryhynda yz galdyran türkmen şahsyýetleriniň arasynda Togrul beg Türkmen bilen Çagry beg Türkmen beýik serkerdeler hökmünde bellidir. Muhammet Togrul beg (993-1063 ýý.) we onuň süýtdeş dogany Dawut Çagry beg (991-1061 ýý.) oguz türkmenleriniň kynyk taýpasyndan gelip çykypdyrlar, olar Dukagyň çowlugy, Seljugyň agtygy, Mikaýylyň ogullarydyr.

Türkmen serkerdeleri Togrul beg we Çagry beg XI asyryň kyrkynjy ýyllarynda dünýäde „Beýik“ diýen ady alan Seljuk Türkmen döwletini döredýärler. Seljuk Türkmen döwletiniň serhetleri hytaý diwarlaryndan başlap, Müsüre, Kiçi Aziýa, Kawkaza çenli bolan aralygy öz içine alypdyr.

Togrul beg we Çagry begiň baştutanlygyndaky seljuklar 1040-njy ýylda türkmenleriň gaýa tiresinden bolan Mahmyt Gaznalynyň döreden döwletiniň goşunyny ýeňip, öz döwletini yglan edenlerinden soň, bu täze döwlet kuwwatlanyp ugraýar. „Patyşalaryň patyşasy“ diýip at alan Çagry beg Merwde, Togrul beg özüni Nişapurda patyşa diýip yglan edýär. Gysga wagtyň içinde seljuk türkmenleriniň döwletine Balh, Jürjan, Tabarystan, Köneürgenç, soňra Jybal, Hemedan, Dinawar, Hulwan, Reý we Yspyhan birikdirilýär.

1055-nji ýylda Togrul beg Bagdada girýär, halyflaryň paýtagtynda soltan diýlip yglan edilýär, ýedi yklymyň patyşasy diýlen dereje berilýär.

Türkmen halkynyň dünýä belli şahsyýetleriniň hataryna Jelaleddin Meňburun, Ärtogrul Gazy Türkmen, Osman Gazy Türkmen, Baýram han Türkmen, Görogly beg Türkmen, Keýmir serdar, Magtymguly Pyragy hem degişlidir.

## 2-nji SAPAK

## *Tema:* Türkmenistanyň taryhynyň Oguz han döwri.

1. Türkmenistanyň taryhynyň Oguz han eýýamynyň gysgaça häsiýetnamasy.
2. Altyndepe – sebitde iň ilkinji şäher-döwletidir. Marguş ýurdy.
3. Aleksandr Makedonskiniň Merkezi Aziýa ýörişi.
4. Oguz han eýýamynda türkmen topraklarynda dörän döwletler (Parfiýa döwleti, Gadymy Horezm, Grek-Baktriýa we Kuşan döwletleri).

### 1. <u>**Türkmenistanyň taryhynyň Oguz han eýýamynyň gysgaça häsiýetnamasy.**</u>

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň taryhy aşakdaky eýýamlardan ybaratdyr:

- Oguz han Türkmen eýýamy,
- Gorkut ata Türkmen eýýamy,
- Görogly beg Türkmen eýýam,
- Magtymguly eýýamy,
- Garaşsyzlyk eýýamy.

Türkmenistanyň taryhynyň birinji eýýamy bolan Oguz han eýýamy wagt taýdan biziň eramyzdan öňki V müňýyllykdan – biziň eramyzyň 650-nji ýylyna çenli döwri öz içine alýar. Birinji eýýamda milletiň ruhy gözbaşy Oguz han Türkmendir.

Mukaddes Ruhnamada bellenip geçilişi ýaly, bu eýýamyň oňony öküz bolup, zähmetsöýerlik, jepakeşlik, erklilik, güýçlülik, döwletlilik alamatlaryny özünde jemleýär. Bu eýýamda Oguz hanyň ýol-ýörelgesi boýunça hereket eden sada türkmen güzeranyny halal zähmeti bilen dolandyrypdyr.

Her ýoldan ýöremegiň ýörelgeleri bolýar. Oguz hanyň gönümellik, halallyk we adalatlylyk ýolundan ýöremegiň ýörelgeleri dyzmaçlyk, gaýduwsyzlyk hem-de mertlikdir. Oguz hanyň bitewilik, agzybirlik we jebislik ýolundan ýöremegiň ýörelgeleri bolsa jepakeşlik, erklilik, güýçlilik hem-de zähmetsöýerlikdir.

Oguz hanyň ýol-ýörelgelerine eýeren türkmenlerde bu eýýamda işjeňlik ýokary derejä ýetipdir. Bu döwürde Türkmenistanyň ýerlerinde ekerançylyk we maldarçylyk ösen derejä ýetipdir, senetçiligiň birnäçe görnüşleri ýüze çykypdyr.

Arheologlar Aşgabadyň 27 km demirgazyk-günbatar tarapynda ýerleşýän Jeýtun kakyň golaýyndaky gadymy ekerançylygyň oturumly ýeriniň üstüni açdylar. Ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgullanmak jeýtunlylaryň esasy käri bolupdyr. Ol ýerden çakmakdaşdan ýasalan oragyň, beýleki zähmet gurallarynyň, öý geçisiniň, eldekileşdirilen itiň, ýabany goýunyň, keýigiň, ýekegapanyň süňk galyndylarynyň tapylmagy, ýaşaýyş jaýlarynyň suwaglarynda arpadyr bugdaý däneleriniň yzlarynyň galmagy muny tassyklaýar. Jeýtunlylar ussat küýzegär bolupdyr. Olar toýun palçykdan düýbi ýasy gap-gaçlary ýasap, olary bişirmäni, reňklemäni, göni we egri-bugry çyzyklardan ýönekeý nagyş görnüşinde bezemäni başarypdyrlar.

Bulardan başga-da, XX asyryň başlarynda (1904 ý.) Rafael Pampelliniň ýolbaşçylygyndaky amerikan ekspedisiýasy tarapyndan geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde Änewiň ak bugdaýyň watanydygy anyklandy. Ol ýerlerden ekerançylaryň zähmet gurallarynyň dürli görnüşleri, nagyş bilen bezelen gap-gaçlar, şeýle hem arpa we bugdaý dänesi tapylypdyr. Şol tapyndylaryň ýaşy bolsa 5 müň ýyldan hem köp diýlip hasaplanýar.

## 2. Altyndepe – sebitde iň ilkinji şäher-döwletidir. Marguş ýurdy.

Iň gadymy şäherleriň biri bolan Altyndepe 4 müň ýyl mundan ozal Günorta Türkmenistanda döräň şäherdir. Bu şäheriň galyndylary Ahal welaýatynyň Kaka etrabynyň Mäne obasynyň 3 km gündogarynda ýerleşýär.

Ylymda Altyndepäniň taryhyny öwrenmek işi XX asyryň 30-njy ýyllarynda professor A.A. Semýonowyň ýolbaşçylygynda başlandy. 1960-1980-nji ýyllarda Altyndepe şäher harabalygyny öwrenmeklik Sankt Peterburg (öňki Leningrad) uniwersitetiniň professory W.M. Massonyň ýolbaşçylygynda alnyp baryldy.

Altyndepe şäheriniň harabalygy 50 gektarlyk meýdany tutýar. Altyndepede tapylan ybadathanalar, Hindistandan getirilen pil süňklerini öz içine alýan hazynalar, toýundan ýasalan aýal heýkeljikleri alymlara Türkmenistanyň ýerlerinde iň gadymy siwilizasiýanyň biriniň bolandygyny tassyklamaga mümkinçilik berdi.

Altyndepede geçirilen arheologik barlaglar şäheriň ilatynyň 3 topara bölünendigine şaýatlyk edýär. Ol toparlar öz maddy hal-ýagdaýy, ýaşaýyş jaýlarynyň häsiýeti, jeset jaýlaýyş däp-dessurlary, iýmitleri boýunça biri-birinden

tapawutlanypdyr. Birinji topara serdarlar we ruhanylar, ikinji topara hususy hojalyk ýöredýän barly adamlar, üçünji topara bolsa hünärmentler we ekerançylar degişli bolupdyr.

Birinji topara degişli bolan ýokary gatlagyň wekilleri şäheriň merkezinde ýaşapdyrlar. Olaryň timarlanyp gurlan jaýlarynyň meýdany 80 – 100 kw. metre ýetipdir. Serdarlaryň we ruhanylaryň jaýlanan mazarlarynda altyndan, kümüşden, bürünçden ýasalan möhürlere, ýüzüklere, gymmat bahaly monjuklara duş gelmek bolýar. Ruhanylaryň jaýlanan bir otagyndan altyndan ýasalan öküz we möjek kelleleri tapyldy.

Ikinji topara degişli ilat özbaşdak maşgalalary üçin niýetlenen jaýlarda ýaşapdyrlar. Bu topara degişli adamlaryň jaýlanan mazarlarynda köp sanda dürli monjuklar, ýüzükler, bürünçden ýasalan möhürler, kiçijik heýkeljikler duşýar.

Üçünji topara degişli hünärmetler we ekerançylar bolsa şäheriň çetinde, köpçülik üçin niýetlenen, biri-birinden harsal bölünen darajyk hem-de köp otagly hütdüklerde ýaşapdyrlar. Olaryň mazarlary hem köpçülikleýin mazarlar bolupdyr.

Altyndepäniň gülläp ösen döwründe onda 5 müňden gowrak adam ýaşapdyr. Antropologlaryň maglumatlaryna görä, Altyndepäniň ilatynyň aglaba köpüsi boýy uzyn, syratly adamlar eken. Erkek adamlaryň boýunyň uzynlygy 180 -185 sm, aýallaryňky 170 sm töweregi bolupdyr. Ilatyň ortaça ýaşy bolsa 22,6 ýyldan geçmändir diýip çak edilýär.

Altyndepe şäheriniň senetçileri metaly gyzdyryp ýençmegiň we eredip guýmagyň hötdesinden gelipdirler. Altyndepede hünärmentçiligiň we senetçiligiň ösmegi öz nobatynda suwarymly ekerançylygyň giňelmegi, zähmet öndürijiliginiň artmagy, hususy eýeçiligiň ösmegi üçin oňaýly şertleri döredipdir.

Emma biziň eramyzdan öňki II müňýyllygyň ortalarynda dünýäniň gadymy siwilizasiýasynyň biri bolan Altyndepede ýaşaýyş birden kesilipdir. Şäher öz ugruna taşlanypdyr, ekerançylyk, senetçilik we sungat pese düşüpdir. Altyndepäniň taşlanmagynyň sebäpleri entek doly aýdyň däl. Alymlaryň çaklamalaryna görä, bu hadysa tebigy-geografik şertler bilen baglanyşykly bolandyr. Megerem, ençeme ýüz ýyllaryň dowamynda peýdalanylan ekin meýdanlarynyň şorlamagy ýa-da yzly-yzyna gelen guraklyklar ösen medeniýetleriň pese gaçmagyna sebäp bolandyr.

Altyndepeden tapylan tapyndylar häzirki wagtda Aşgabatda Türkmenistanyň Milli muzeýinde saklanýar.

Marguş ýurdy 4 müň ýyl töweregi mundan öň döräpdir. Ol häzirki Mary welaýatynyň Garagum etrabynyň çäklerinde ýerleşýär. Marguş ýurdy belli alym – arheolog Wiktor Iwanowiç Sarianidiniň ýolbaşçylygynda öwrenildi.

Marguş ýurdy Murgap derýasynyň gadymy hanasynyň boýunda ýerleşipdir. Şol sebäpli hem, ýurduň ilaty esasan ekerançylyk, şeýle hem maldarçylyk we senetçilik bilen meşgullanypdyr. Marguş ýurdunyň ilaty ekin meýdanlaryny suwarmak üçin ýaplary gazypdyr, bentleri gurupdyr. Ekerançylaryň ulanan esasy zähmet gurallary bürünçden ýasalan kätmen we orak bolupdyr.

Marguş ýurdunyň paýtagty Goňurdepe bolupdyr. Goňurdepe şäher-gala görnüşinde gurlupdyr. Goňurdepede geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň dowamynda altyn we kümüş küýzeler, dag goçunyň altyndan heýkeljigi, daşdan ýonulyp ýasalan ýolbars, mermerden ýasalan goýun şekilleri, altyn şaý-sepler, dört tigirli araba goşulan atlaryň şekilleri tapyldy. Bu tapyndylar Marguş ýurdunda hünärmentçiligiň we senetçiligiň nä derejede ösendigine şaýatlyk edýär.

Goňurdepeden tapylan ajaýyp sungat eserleri Türkmenistanyň Şekillendiriş muzeýinde, şeýle hem Mary welaýatynyň «Gadymy Merw» döwlet taryhy-medeni goraghanasynda saklanýar.

Marguş ýurdunyň ilaty zoroastrizm dinine uýupdyr. Bu diniň ady ony esaslandyran Zaratuştranyň adyndan gelip çykýar, ol biziň eramyzdan öň II müňýyllykda Margianada (Maryda) ýaşap geçipdir. Zoroastrizm dininiň kitaby «Awesta» kitabydyr. Zoroastrizm dininde ilkinji gezek ýerde ýeke-täk bir hudaýyň – Ahuramazdanyň dörändigi jar edilipdir.

Zoroastrizm dinine uýýanlar ilki suwa çokunýan ekenler, soňra oda çokunmak däp bolup galypdyr. Şol sebäpli ol türkmenleriň arasynda otparazçylyk dini hökmünde bellidir. Zoroastrizm dininiň dörän döwründe adamlar nowruz baýramyny beläpdirler, ýeke-täk bir hudaýa ynanypdyrlar.

## 3. Aleksandr Makedonskiniň Merkezi Aziýa ýörişi.

Türkmenistanyň taryhynyň Oguz han eýýamynda bolup geçen esasy wakalaryň biri hem Aleksandr Makedonskiniň Merkezi Aziýa ýörişidir.

Aleksandr Makedonskiniň musulman ýurtlaryndaky ýörgünli ady Isgender Zülkarnaýyndyr. Aleksandr Makedonskiý diýmek – Aleksandr Makedoniýaly ýa-da Makedoniýaly Aleksandr diýmekligi aňladýar.

Makedoniýa Gresiýaniň bir çetinde ýerleşýän özbaşdak kiçijik ýurt bolupdyr. Emma biziň eramyzdan öň IV asyrda Makedoniýanyň patyşasy Filipp II Gresiýa ýerlerini özüne birikdirýar. Filipp II döwründe makedoniýalylar Eýrandaky Ahemeniler patyşalygy bilen ýer-ýurt ugrunda göreş alyp barypdyrlar. Filip II aradan çykandan soňra, biziň eramyzdan öňki 336-njy ýylda makedon tagtyna onuň 20 ýaşly ogly Aleksandr çykýar.

Aleksandr Makedonskiý çagalykda belli filosof Aristoteliň terbiýesini alypdyr. Aristotel oňa adamkärçilik, dogruçyllyk, rehimlilik hem-de edep filosofiýasyny öwredipdir.

Biziň eramyzdan öňki 334-333-nji ýyllarda Aleksandr Makedonskiý ahemenit goşunlaryna berk zarbalar urup, Kiçi Aziýany, Siriýany, Palestinany, Finikiýany we Müsüri basyp alýar. Eýrandaky Ahemeniler döwletiniň merkezi bolan Persopol hem onuň eline geçýär.

Mundan soňra biziň eramyzdan öňki 330-njy ýylyň ortalarynda Aleksandr Makedonskiý Günbatar Türkmenistanyň territoriýasynyň esli bölegini öz içine alýan Girkaniýa (Gürgene) aralaşýar. Girkaniýa söweşsiz boýun egipdir. Girkaniýadan soňra Aleksandr Makedonskiý Parfiýa tarap ýola düşüpdir. Parfiýa hem oňa hiç-hili garşylyksyz boýun egipdir. Ol biziň eramyzdan öňki 330-329-njy ýylyň gyşyny öz goşuny bilen Parfiýada gyşlapdyr. Onuň Parfiýada gyşlan şäheri Aşgabadyň golaýyndaky Täze Nusaýdyr diýip çaklanýar.

Parfiýadan soňra biziň eramyzdan öňki 329-njy ýylda Aleksandr Makedonskiý Günorta Türkmenistandaky Ariý ýurduny özüne boýun egdirýär. Ilki bilen meýletin boýun egýändigini beýan eden Ariý hökümdary Satibarzan 2 müň adamdan ybarat bolan tarapdarlary bilen Aleksandr Makedonskiniň garşysyna gozgalaň turuzýar. Emma bu gozgalaň rehimsizlik bilen basylyp ýatyrylýar.

Biziň eramyzdan öňki 329-328-nji ýyllarda Aleksandr Makedonskiý Gündogar Türkmenistanyň we häzirki Özbegistanyň we Owganystanyň territoriýalarynda dörän Baktriýa döwletini, şeýle hem Sogdiana döwletini tabyn edýär. Aleksandr Makedonskiniň garşysyna iň aýgytly gozgalaň şu ýerde – Sogdianada bolup geçýär, ýagny biziň eramyzdan öňki 328-nji ýylda sogdy han-begleriniň biri Spitameniň baştutanlygynda uly gozgalaň başlanýar. Bu gozgalaňa häzirki Türkmenistanyň gündogar böleginiň ilaty hem işeňňir gatnaşýar. Emma 3 ýyllap dowam eden bu gozgalaň basylyp ýatyrylýar.

Aleksandr Makedonskiý Merkezi Aziýanyň ep-esli bölegini basyp alan hem bolsa, ol Horezmi, şol sanda Demirgazyk Türkmenistanyň ilatyny boýun egdirmäge synanyşyk etmändir. Muňa Spitameniň gozgalaňynyň hem-de çarwa taýpalaryň güýçli garşylygynyň sebäp bolandygy ähtimal.

Taryhy maglumatlara görä, Merwde Aleksandr Makedonskiý goşuny bilen bolmandyr. Merw Baktriýadan Sogdiana tarap geçip giden Aleksandr Makedonskiniň esasy ugrundan sowa galypdyr. Ýöne Merwe aýratyn grek-makedon goşun bölüminiň iberilen bolmagy mümkin, sebäbi Margianada berkidilen şäher gurlup, oňa Margiana Aleksandriýasy diýlip at goýlandygy belli.

Aleksandr Makedonskiniň Gündogara ýörişi 10 ýyl (biziň eramyzdan öňki 334-324 ýý.) dowam edipdir. Şol ýörişde ol 20 müň km töweregi ýol geçipdir.

Aleksandr Makedonskiý 33 ýaşynyň içinde, biziň eramyzdan öňki 323-nji ýylda aradan çykypdyr. Onuň öz ajalyna ölmän, köşge ýakyn adamlar tarapyndan awy berlip öldürülen bolmagy mümkin diýip çaklanýar.

## 4. Oguz han eýýamynda türkmen topraklarynda dörän döwletler (Parfiýa döwleti, Gadymy Horezm, Grek-Baktriýa we Kuşan döwletleri).

Türkmenistanyň taryhynyň Oguz han eýýamynda Parfiýa, Gadymy Horezm, Grek-Baktriýa, Kuşan döwletleri ýaly adamzadyň taryhynda yz galyndyran ençeme döwletler döräpdir.

Günorta Türkmenistanyň territoriýasy gadymyýetiň kuwwatly döwletleriniň biri bolan Parfiýa patyşalygynyň dörän ýeri hasaplanýar.

Parfiýa patyşalygy biziň eramyzdan öňki III asyryň ortalarynda, has takygy 247-nji ýylda Selewki patyşalygyndan bölünip aýrylyp dörän döwletdir.

Parfiýa patyşalygy.
biziň eramyzdan öňki 247 ý.
ilkinji patyşasy – Ärsak
paýtagty – Nusaý
Birikidiren ýerleri: Girkaniýa, Midiýa, Tigr derýasyna çenli bolan ýerler, Eýran, Mesopotamiýa.
biziň eramyzdan öňki 65-nji ýylda Parfiýa – Rim urşy başlanýar, 53-nji ýylda parfiýalylaryň ýeňişi bilen tamamlanýar.
Rimlileriň çozuşlary netijesinde biziň eramyzdan 224-nji ýylda Parfiýa patyşalygy özbaşdak döwlet hökmünde ýaşaýyşyny bes edýär.

Gadymy Horezm döwleti biziň eramyzdan öňki IV asyryň ahyrlaryndan – biziň eramyzdan öňki I asyrda Amyderýanyň aşaky akymlarynda güýçli döwlet bolupdyr.

Grek-Baktriýa döwleti selewkilerden özbaşdaklygyny yglan edip, biziň eramyzdan öňki III asyryň ortalarynda dörän döwletdir. Günorta-Gündogar Türkmenistan bu döwletiň çäklerine giripdir. Bu döwlet 100 sähelçe gowrak döwür ýaşapdyr we biziň eramyzdan 140-130-njy ýyllar aralygynda ýaşaýyşyny bes edipdir.

# 3-nji SAPAK

## *Tema:* Türkmenistan Gorkut ata Türkmen eýýamynda.

1. Türkmenistanyň taryhynyň Gorkut ata eýýamynyň gysgaça häsiýetnamasy.
2. Araplaryň Türkmenistana aralaşmagy we yslam dininiň ýaýramagy.
3. Arap halyflygynyň gowşamagy we aýry-aýry döwletleriň döremegi.

### 1. Türkmenistanyň taryhynyň Gorkut ata eýýamynyň gysgaça häsiýetnamasy.

Türkmen ruhunyň ikinji eýýamy biziň eramyzyň 650-nji ýylyndan X asyra çenli döwri öz içine alýar.

Ruhnamada bellenip geçilişi ýaly, bu eýýamda türkmenler Oguz hanyň "Bir ýerde durma!" diýen pendini ýörelge edinip, jahankeşdeligini görkezdi. Bu eýýamyň oňony böri (möjek) boldy. Bu döwrüň ruhy gopuz saz guraly bilen beýan edildi. Bu eýýamda milletiň ruhy ýolbaşçysy Gorkut atadyr.

Gorkut ata VI asyryň ahyrlarynda – VII asyryň ortalarynda ýaşapdyr we Muhammet pygamberiň döwürdeşi bolupdyr diýen maglumatlar bar. Ol yslam dinini kabul edip, Mekgä zyýarata gidipdir we hajy bolupdyr. Gorkut ata Salyr Gazanyň baştutanlygynda türkmenleriň bir topary bilen Mekgä baranda, Muhammet pygamber olary görüp, öz ýakyn adamlarynyň biri bolan Selman Farisini olaryň ýanyna iberipdir, ol bolsa Gorkut atany oguz-türkmenleriň ählisiniň üstünden ýokary musulman dininiň wekili edip belläpdir.

Gorkut ata ýiti akyly, danalygy bilen oguzlaryň arasynda uly abraýa eýe bolupdyr. Ol türkmen halkynyň ykrar edilen ýaşulysy hasaplanypdyr. Ol söweşlerde edermenlik görkezen gerçeklere mynasyp atlary dakypdyr, degişli pentler bilen hanlary çykarypdyr, olaryň maslahatçysy bolupdyr. Şol sebäpli Gorkut atanyň il arasyndaky sarpasy juda belent tutulyp, oňa baş egipdirler. Mysal üçin, Abulgazynyň "Türkmenleriň nesil daragty" atly işinde Gorkut atanyň oguz-türkmenleriň arasynda keramatly şahsyýet hasaplanandygy, hanyň we tutuş oguz iliniň ykbalynyň halk tarapyndan oňa ynanylandygy, bu babatda hereket etme erkinliginiň oňa doly berlendigi barada aýdylyp geçilýär.

Ruhnamada bellenilip geçişi ýaly, yslam dinini meýletin kabul eden Gorkut ata türkmen ruhunyň täze bir giňişligini açdy. Özüniň iman, ahyrýet hakyndaky pelsepesi bilen Gorkut ata ahlagyň täze gymmatlyklaryny işläp düzdi. Bu dünýäde eden işleriňe hasap bermelidigini we ahyrýetiň bardygyna ynanmalydygyny (iman etmegi) ündedi.

Bu eýýamda türkmen ruhy öz çäkleriniň daşyna çykyp, tutuş yslam dünýäsine ýaýrap başlady.

Türkmen taryhynyň Gorkut ata eýýamyny öwrenmekde “Gorkut ata” kitaby uly ähmiýete eýedir. Bu kitapda türkmenleriň däpleri we ynançlary, taýpalaryň atlary, oguz-türkmen jemgyýetiniň düzümi, adamlaryň özara gatnaşyklary, olaryň durmuşynyň aýratynlyklary we beýlekiler örän anyk we dogruçyl beýan edilýär.

Türkmen halkynyň beýik edebi ýadygärligi bolup durýan “Gorkut ata” kitaby 12 boýdan (hekaýatdan) ybaratdyr. Kitap Gorkut ata tarapyndan aýdylan, soňra bolsa asyrlaryň dowamynda bagşylar tarapyndan aýdylyp, dilde-dile, nesilden-nesle geçirilen hekaýatlary özünde jemleýär. Asyrlar boýy türkmenleriň hakydasynda saklanan bu hekaýatlar soňraky döwürlerde kagyza geçirilipdir. Şeýle golýazmalaryň ilkinjisi XIX asyryň başlarynda Drezden (Germaniýa) şäheriniň Milli kitaphanasynyň golýazmalar bölüminde ýüze çykaryldy we nemes gündogarşynasy Dis tarapyndan çap etdirilip, köpçülige ýetirildi. Mundan ýüz ýyldan hem köp wagt geçenden soň italýan alymy Rossi tarapyndan Watikanyň kitaphanasynda bu kitabyň alty sany hekaýaty tapyldy. XX asyryň ortalarynda bolsa, türkmen alymy Ata Rahmanow bagşylaryň dilinden «Gorkut ata» kitabynyň 16 bölümini ýazyp alýar. 1922-nji ýylda rus alymy akademik Wasiliý Wladimirowiç Bartold drezden golýazmalary esasynda «Gorkut ata» kitabyny rus diline terjime edýär. Emma bu terjime diňe kyrk ýyldan soň, özi hem juda az sanda çap edildi. Sebäbi sowet döwründe türkmenlere bu dessany öwrenmäge mümkinçilik berilmedi, hat-da gadagan edildi.

Emma Türkmenistanyň garaşsyz döwlet bolmagy bilen «Gorkut ata» kitaby köpçülikleýin nusgada neşir edildi we çuňňur öwrenilip başlandy. Aşgabatda halkymyzyň bu beýik edebi mirasynyň 1500 ýyllygyna bagyşlanan halkara konferensiýalary hem geçirildi.

## 2. Araplaryň Türkmenistana aralaşmagy we yslam dininiň ýaýramagy.

VII asyrda Arabystanda Arap halyfaty – döwleti döräpdir. Ol döwlet diňe bir Arap ýarym adasynda däl, eýsem köp ýurtlaryň we halklaryň taryhynda we ykbalynda uly rol oýnapdyrlar.

Araplaryň asly mekany Arap ýarym adasydyr. Şol wagtlar bu sebitiň ilatynyň aglaba bölegi çarwalar (“beduinler”) bolupdyr. Yslamdan öň olar halan hudaýlaryna ynanypdyrlar we uýupdyrlar.

VII asyryň başlarynda araplarda täze din – yslam dini ýüze çykypdyr. Yslam dinini ýaýradan Muhammet pygamber Mekge şäherinden bolupdyr. Muhammet pygamber taryhy şahs bolup, Allanyň ýerdäki wekili (Resul-alla) hasaplanýar. Muhammet täze dine daýanyp, araplaryň döwletini döredipdir we şol döwletde hem dini, hem dünýewi häkimiýeti özünde jemläpdir. Ol 570-nji ýylda doglupdyr. Kakasyna Abdylla, ejesine Emine diýer ekenler. Ýaşajykka, ata-enesi ýogalypdyr. Muhammet ýetginjek wagty täjirler bilen dürli ýurtlarda bolup görýär. Soň ol Hatyja diýen dul gelne öýlenýär. Olaryň üç ogly, dört gyzy bolýar. Ogullary has ir ýogalýar. Gyzlary asylly maşgala bolup ýetişýär. Ol 632-nji ýylda aradan çykýar.

Araplaryň daşary syýasaty sebitiň beýleki ýerlerine aralaşmak we ol ýerlerde yslam dinini ýaýratmak häsiýetine eýe bolupdyr. Muhammediň oruntutarlary – dört çaryýarlar – Abu Bekir (632-634 ýý.), Omar (634-644 ýý.), Osman (644-656 ýý.), Aly (656-661 ýý.) we olardan soňkular şeýle syýasaty dowam etdiripdirler. Olara “halyf”, döwletlerine “halyflyk” diýip at beripdirler.

Araplar VII asyryň ortalarynda biziň watanymyzyň çäklerine aralaşypdyrlar. Şol döwürde bu ýerlerde agalyk sürýän sasanylar goňşy döwletlere garşy yzygiderli alnyp barlan göreşde gowşapdy. Şonuň üçin olar araplara garşy güýçli gaýtawul görkezip bilmeýärler

Türkmenistanyň häzirki ýerlerini eýelemek üçin araplara uzak wagt gerek bolupdyr. Ýerli halkyň araplara garaýyşy her ýerde birmeňzeş bolmandyr. Meselem, şol wagt Horasanyň merkezi şäheri bolan Merwiň häkimi Mahyýa 651-nji ýylda araplary şäheriň derwezesini açyp garşylaýar. Nusaýyň, Abywerdiň häkimleri hem garşylyk görkezmezden, araplara boýun bolýarlar. Nyzak Tarhanyň baştutanlygynda garşylyk görkezen Sarahs ilatyny bolsa araplar soň rehimizlik bilen gyrypdyr.

Dehistan topragy 100 müňden gowrak arap goşunyna güýçli gaýtawul görkezýär. Uzak waglap gaýduwsyz göreşen hem bolsalar, açlyk we horluk zerarly Dehistan patyşasy Sul 716-njy ýylda ýaraşyk soramaga mejbur bolýar. Şonda araplar 14 müň ýesiri uçdantutma gyrypdyrlar diýen maglumatlar bar. Diňe Suluň we onuň ýakyn garyndaşlarynyň janyna degilmändir. Soňra araplar ýuwaş-ýuwaşdan Hazar deňizinden Horezme çenli aralygy eýeläpdirler. Ol ýerler halyflygyň düzümine goşulypdyr.

VIII asyryň başlarynda araplar Demirgazyk Türkmenistany hem eýeläp, Köneürgençde ornaşýarlar. Soňra bolsa Amyderýa bilen Syrderýanyň aralygy hem boýun egdirilip, „Mawerennahr“ („derýanyň aňyrysy“, „iki derýa aralygy“) ady bilen halyflygyň esasy welaýatlarynyň biri bolýar.

Araplaryň ençeme ýerleri özüne birikdirmekligine sebäp bolan, araplaryň daşary syýasatynyň güýçlenmegine itergi beren faktorlaryň biri bolan yslam dininiň düýp mazmuny nämelerde jemlenýär?

„Yslam“ sözi arapça „doly boýun egmek“, “özüňi Alla tabşyrmak“ diýen manyny berýär. Yslam dinine uýýanlara „musulmanlar“ diýilýär. Musulmanlar birnäçe topara bölünýär. Olaryň esasylary sünnüler bilen şaýylardyr. Türkmenler sünni mezhebine uýýanlardyr. Yslam halk köpçüligini her kime öz ölümini ýatladyp, ahyrzamanda her kimden jogap soraljakdygy esasynda terbileýär. Ol: „Kimde-kim musulmançylygy doly berjaý edip, şu dünýäde jebir çekse, o dünýäde gowy ýaşar, uçmaha düşer, kimde-kim musulmançylyk borçlaryny berjaý etmese o dünýäde dowzaha düşer, otda ýanar“ diýýär. Yslam: „Bolup geçýän ähli hadysa Allanyň emri bilen bolup geçýändir“ diýip öwredýär. Şonuň üçin yslam dini her kimiň öz kysmatyna razy bolup, taňra, galyberse-de, hökümdara gulluk etmegini ündeýär. Yslam hiç wagt ýalan sözlemezligi, kesekiniň hakyny iýmezligi, mysapyra hemaýat etmegi, alynýan girdejiniň halal zähmet netijesinde bolmagyny wagyz edýär.

Yslam dininiň esasy kada–kanunlary “ Kuran” atly kitapda toplanypdyr. ”Kuran” sözi arapça “okamak, okuw” diýen manyny aňladyp, yslam dininiň düzgünlerini, talaplaryny aňladýan kitapdyr. “Kuran” 114 süreden ybarat, her süre birnäçe aýata bölünýär. Aýatlaryň jemi sany 6 müňden gowrakdyr.

Yslam dinine uýýanlardan bäş parzy ýerine ýetirmek talap edilýär: 1) Ähli zady ýaradanyň – Allanyň ýeke-täkdigini, Muhammet pygamberiň onuň ýerdäki wekilidini ykrar etmeli; 2) Bäş wagtyna namaz okamaly; 3) Remezan aýynda oraza tutmaly; 4) Mekge şäherinde Käbe ybadathanasyna zyýarat edip, hajy bolmaly; 5) Malyňdan zekat bermeli.

Türkmenleriň köp bölegininiň yslam dinini meýletin kabul etmegi bilen bir hatarda, araplara garşy gozgalaňlar hem turupdyr. Araplara garşy aýgytly göreş Mukannanyň baştutanlygynda bolupdyr. Onuň hakyky ady Haşym ibn Hekim bolup, elmydama ýüzi ýaşyl mata bilen ýapylgy gezýän eken. Şonuň üçin onuň Mukanna ("ýüzi perdeli") lakamy öz adyna öwrülýär.

Mukanna Merw şäherinde garyp maşgalada dünýä inipdir. Ol ýaşlykda geýim-gejim ýuwup gazanç edipdir. Ýetginjek wagty Abu Muslimiň gozgalaňyna baş goşupdyr. Şonuň üçin ol Bagdatda zyndana salnypdyr. Ondan gaçyp, öz mekany Merw töwereklerine gelýär. Köp taryhçylar onuň juda sowatly, ukyply, dilewar bolandygyny belleýär.

776-njy ýylda tutaşan bu gozgalaňa gatnaşyjylar arap agalygynyň syýasy hem-de emläk deňsizligininiň soňuna çykmagy şygar edinipdirler. Gozgalaňyň tutaşan ýeri Merw töwerekleri bolsa-da, köp waka Mawerannahrda bolup geçipdir. Gozgalaňçylar köplenç ak eşik geýipdirler. Şonuň üçin taryhçylaryň käbiri muňa "ak lybaslylar gozgalaňy" hem diýipdir. Şeýle-de bolsa, ol 783-nji ýylda basylyp ýatyrylypdyr. Mukanna ýesir düşmejek bolup, lowlap ýanýan oduň içine özüni oklapdyr.

## 3. Arap halyflygynyň gowşamagy we aýry-aýry döwletleriň döremegi.

VII – IX asyrlarda Arap halyfaty ägirt giň territoriýany özüne birikdiripdir. Bu bolsa ýurdy dolandyrmakda uly kynçylyklar döredipdir. Halyflygyň düzümine girýän dürli sosial we ykdysady derejelerde bolan welaýatlaryň özara gatnaşyklary hem öwerlikli bolmandyr. Halyflyk kagyz ýüzünde tä 1258-nji ýylda mongollar Bagdady basyp alýança saklansa-da, onuň binýadynda birnäçe özbaşdak döwletler döräpdir.

Arap halyflygynyň gowşan döwürlerinde Türkmenistanda dörän özbaşdak döwletleriň biri Tahyrylar döwletidir. Halyflykdaky kynçylykly ýagdaýlar Horasanyň ýokary göterilmegine we özbaşdaklyga ymtylmaga mümkinçilik berýär. 821-nji

ýylda bu ýere häkim bellenen Tahyr ibn Hüseýin tiz wagtdan özbaşdak dolandyryp başlaýar. Öz adyna altyn pul zikgeledýär. Emma ol 822-nji ýylda halyfyň gizlin içalysy tarapyndan zäherlenip, tarpa-taýyn aradan çykýar. Şeýle-de bolsa, Tahyryň ady 873-nji ýyla çenli dowam eden Tahyrylar döwletiniň esaslandyryjysy hökmünde taryha giripdir.

Tahyrylaryň iň görnükli hökümdarlarynyň biri Abdalla ibn Tahyr (828-844 ýý.) bolupdyr. Ol köp goňşy welaýatlary özüne tabyn edipdir. Hakykat ýüzünde Mawerennahrda, Köneürgençde, Gürgende we başga-da birnäçe ýerlerde öz häkimligini ýöredipdir. Halyfa kagyz ýüzünde garaşly bolup galsa-da, Abdalla gol astyndaky ýerlerde ýerden-suwdan peýdalanmagyň kadalaryny özbaşdak girizipdir. Raýatyndaky daýhan gozgalaňlarynyň, iri ýer eýeleriniň pitneleriniň soňuna çykypdyr.

Tahyrylaryň edara eden döwründe, aýratyn hem Abdalla ibn Tahyryň hökümdarlyk eden döwründe birnäçe sowda ýollary abadanlaşdyrylypdyr, kerwensaraýlar gurlupdyr. Olaryň hataryna Dehistan (Etrek etrabynda), Paraw (Serdar etrabynda), Kufen (Kaka etrabynda), Daýahatyn (Galkynyş etrabynda) we beýlekileri görkezmek bolar. Daýahatyn kerwensaray orta asyr çeşmelerinde “Tahyryň kerwensaraýy” diýen at bilen ýatlanýar.

Tahyrylar döwleti Saffarylaryň zarbasy netijesinde 873-nji ýylda synypdyr.

Saffarylar döwletini esaslandyran Ýakup ibn Leýs (861-878 ýý.) bolupdyr. Käbir maglumatlara görä Ýakup mis ussasy bolupdyr. “Mis” sözi bolsa arapçada “saffar” diýmekdir. Şoňa görä-de, onuň düýbüni tutan döwleti Saffarylar döwleti diýip atlandyrylýar.

Ýakup ibn Leýs 864-nji ýylda Owganystanyň günorta sebitlerinde Tahyrylara garşy uruşlar alyp barypdyr we Zerenj şäherini eýeläpdir. 863-nji ýylda bolsa Hyrady eýeläp, juma namazynda öz adyny hutba girizipdir. Munuň özi ýurduň hökümdary hökmünde ykrar edilmegi hasaplanýar.

873-nji ýylda Ýakup ibn Leýs Tahyrylaryň paýtagty bolan Nişapura (Eýranyň demirgazyk-gündogar etraby) girip, Tahyrylar döwletiniň soňky hökümdary Muhammet Tahyry tagtdan düşürip, onuň ornuna özi geçýär.

Arap halyfaty Horasanda Saffarylaryň täsiriniň artmagyndan näçe howatyrlansa-da, aýgytly hereket edip bilmändir we 874-nji ýylda Halyf Ýakuba bütin Horasany dolandyrmagy tabşyrypdyr.

Ýakubyň goşunynda tertip-düzgün örän berk bolupdyr. Ol özünde bolşy ýaly, esgerlerden we serkerdelerden gorky-ürkini bilmezligi talap edipdir. 874-875-nji ýyllarda Saffarylar goşunynyň sany 15 müň atla ýetipdir. Söweşe atly goşun bilen bir hatarda, pilli goşun hem gatnaşypdyr. Harby güýjine göwni ýeten Ýakup 876-njy ýylda halyfat hökümetini basyp almaga synanyşyp, Bagdada tarap ýöriş edipdir. Emma bagdada ýetmänkä halyf goşunlary tarapyndan derbi-dagyn edilipdir. Bagdada tarap eden şowsuz ýörişinden üç ýyl soňra Ýakup ibn Leýs aradan çykypdyr. Soňra tagty onuň dogany Emir ibn Leýs (879-900 ýý.) eýeläpdir. 900-njy ýylda Samaniler Saffarylar döwletiniň hökümdary Emir ibn Leýsiň goşunlaryny derbi-dagyn edýärler we Saffarylar döwleti ýykylýar.

IX asyryň ahyrynda merkezi Buhara şäherinde bolan Samanylar döwleti Türkmenistanyň köp ýerlerini özüne boýun edýär. Bu döwleti esaslandyryjy Ysmaýyl ibn Ahmet (874-907 ýý.) Mawerennahra, Köneürgenje, Merw töweregine agalygy ýöredýär.

Samanylar döwleti merkezleşdirilen, dolandyryş ulgamy tertipleşdirilen görnüşde bolupdyr. Döwletiň başynda duran emir Bagdat halyfy tarapyndan resmi taýdan tassyklanypdyr. Köp meselelere ýörite diwanlar (ministrlikler) seredipdir. Olaryň arasynda ilçiler, poçta, kazy, girdeji we çykdajy, goşun üpjünçiligi we beýleki diwanlar uly ähmiýete eýe bolupdyr.

Emma ýer eýeleriniň özara uruşlary, olaryň döwlete garşy çykyşlary zerarly X asyrda merkezi döwletiň gowşamagy netijesinde ýerlerde özbaşdaklyk meýilleri güýçlenip ugrapdyr. Munuň netijesinde X asyryň ikinji ýarymynda Samanylar döwleti çagşap başlapdyr we Gazna sebitinde güýçlenip ugran Emir Mahmyt Gaznaly tarapyndan güýçli zarba sezewar bolup, 999-njy ýylda ýykylypdyr.

## 4-nji SAPAK

*Tema:* **Türkmen halkynyň gülläp ösen döwri**
**(X-XVI asyrlar – Görogly eýýamy)**

1. Beýik Seljuk Türkmen döwleti.
2. Köneürgenç türkmenleriniň döwleti.
3. Mongol basybalyjylaryna garşy göreş.
4. Türkmenistan Teýmirleň we teýmirileriň döwründe.

Türkmen taryhynyň Görogly eýýamy X-XVI asyrlary öz içine alýar.

Türkmen ruhunyň üçünji eýýamyň ruhy ýolbaşçysy Görogly begdir. Oňony bürgüt, saz guraly dutardyr. Bu döwür türkmen ruhunyň dünýä çykan döwri hasaplanýar. Bu döwürde Beýik Seljuk Türkmen döwleti, Osman Türkmen döwleti, Garagoýunlylar, Akgoýunlylar döwletleri dünýä ýaň salypdyrlar.

Türkmen taryhynyň Görogly eýýamynda Gündogarda "Döwlet gurjak bolsaň, türkmeni çagyr" diýen paýhas ýaýrapdyr, çünki türkmenler döwlet gurmagyň kämil nusgalaryny görkezip, sanlyja asyryň içinde Orta we Kiçi Aziýada, Demirgazyk Afrikada, Hindistanda we gaýry sebitlerde onlarça döwlet gurupdylar.

### <u>1. Beýik Seljuk Türkmen döwleti.</u>

XI asyryň otuzynjy ýyllaryndan başlap, türkmen halkynyň taryhynda uly öwrülişik bolýar: türkmen serkerdeleri Togrul beg (993 – 1063 ý.) we Çagry beg (991 – 1061 ý.) dünýäde „Beýik“ diýen ady alan Seljuk Türkmen döwletini gurýarlar. Seljuk Türkmen döwletiniň serhetleri hytaý diwarlaryndan başlap, Müsüre, Kiçi Aziýa, Kawkaza çenli bolan aralygy öz içine alypdyr.

Seljuk türkmenleri oguzlaryň kynyk tiresinden, Aý hanyň nebereleridir. Seljuk türkmenleri esli döwrüň dowamynda Syrderýanyň boýundaky Jent sebitini ýurt tutunyp, Beýik Oguz-türkmen döwletiniň düzüminde bolupdyrlar. Emma X asyryň ortalarynda yslam dininiň kabul edilmegi meselesinde bu döwletiň içinde gapma-garşylyklaryň ýüze çykmagy bilen, Dukagyň ogly Seljuk bu döwletden çekilip, muslumanlygy kabul edýär.

Seljuk Dukak güýçli serkerde bolupdyr. Dürli taryhy çeşmelerde onuň ady «demir ýaýly» hökmünde terjime edilýär. Gojalyk çagynda agtyklary Çagry bilen Togruly terbiýelemek işine özüni beren Seljuk beg, ýaşy ýüzden geçip, Jentde aradan çykýar.

Oguz döwletinden aýrylandan soň, Seljuk türkmenleri Mawerennahrda (Amyderýa bilen Syrderýanyň aralygy) ýaşaýan türkmenleriň arasyna göç tutup gelýärler. 1035-nji ýylda Jeýhun derýasyndan geçýärler we Horasanda ýer bermegini sorap Gaznaly soltany Mesuda ýüz tutýarlar. Emma bu islegleri kanagatlandyrylmansoň, Gazna döwleti blen söweşmäge mejbur bolýarlar. 1040-njy ýylda bolan Daňdanakan söweşinde seljuk türkmenleri aýgytlaýyjy ýeňişi gazanýarlar.

Bu söweşden soň, Maryda bolan uly türkmen gurultaýynda döwlet yglan edilip, oňa Togrul beg hökümdar, Çagry beg serkerde hökmünde bellenilýär. 1055-nji ýylda Togrul beg Bagdada girýär, halyflaryň paýtagtynda soltan diýlip yglan edilýär, ýedi yklymyň patyşasy diýlen dereje berilýär.

Beýik Seljuk döwleti iki bölege bölünipdir: gündogar we günbatar Seljuk imperiýasy. Gündogar seljuk imperiýasyny Horasany bütin töweregi bilen öz içine alýar we paýtagty Mary bolýar.Günbatar Seljuk imperiýasynyň, ilki paýtagty Reý, soňky pagtaýty Bagdat bolýar. Maryda Çagry beg, Reý bilen Bagdatda Togrul beg soltanlyk edipdir. Bulardan soň bolsa Alp-Arslan, Mälik şa, Soltan Sanjar soltanlyk edýärler.

1063-nji ýylda tagta çykan Çagry begiň ogly Alp Arslan türkmenlere Rum iliniň derwezesini açan soltandyr, onuň ogly Mälik şa seljuklaryň ýurdunyň serhedini gaty giň ýere ýetiren hökümdardyr. Soltan Mälik şanyň ogly Soltan Sanjar bolsa, türkmeniň ylmyna-medeniýetine uly üns beren adamdyr.

Soltan Sanjaryň ömrüniň soňky ýyllarynda Seljuk döwletiniň içinde agzalalyk güýçlenipdir. Soltan Sanjar Toharystanda ýaşaýan oguzlaryň garşysyna birnäçe gezek ýöriş guraýar.1153-nji ýylda onuň birnäçe emiri Täjigistanyň birnäçe daglyk ýerlerinde ýaşaýan oguzlara ýesir düşüp, kellesi kesilip jezalandyrylýar. Öňli-soňly iki ýyla çeken bu uruş meşhur serkerdäniň iň soňky urşy bolýar. Ol üç ýyllap Balh türkmenlerinde ýesirlikde bolýar. Özüni saklaýan garawulyň kömegi bilen ilki Termeze, soňra Merwe gaçýar we 1157-nji ýylda şol ýerde aradan çykýar. 1153-

1154-nji ýyllaryň seljuk-oguz uruşlaryndan soň Balh oguzlary Merwi hem-de Nişapury eýeleýär. Bu wakalar Merkezi Aziýada Seljuklar döwletleriniň çagşamagyna getirýär.

Mukaddes Ruhnamada Seljuk beg we onuň nebereleriniň türkmen taryhyndaky orny hakynda şeýle diýilýär: „Beýik türkmen ogullarynyň – Muhammet Togrul begiň, Dawut Çagry batyryň, Alp Arslanyň, Mälik şanyň, Soltan Sanjaryň döreden döwletleri, gahrymanlyklary, mertlikleri, parasatlylygy, özlerini bütin yslam döwletleriniň soltany diýip yglan etdirişleri deňi-taýy bolmadyk wakadyr. Türkmen halkymyz üçin ol beýik şahslar barada aýratyn kitaplar, maglumatlar ýazylmalydyr.

## 2. Köneürgenç türkmenleriniň döwleti.

Köneürgenç gaty irki döwürlerden Oguz nesilleriniň mesgeni hökmünde tanalypdyr. Köneürgenç XI asyrda Seljuk türkmenleriniň döwletiniň düzüminde bolup, bu döwleti wekili Anuş tarapyndan dolandyrylypdyr. Seljuk türkmenleriniň döwletiniň gowşap ugramagy bilen, Köneürgenç özbaşdaklygyna eýe bolýär. Seljuk Köneürgenç döwletini XI asyryň ahyrlarynda Anuş hökümdaryň ogly Kutbeddin Muhammet esaslandyrýar.

Anuş tegin ölenden soň, onuň ogly Kutbeddin Muhammet (1097-1128 ýý.) Köneürgenjiň hökümdary edilip bellenýär. Şeýlelikde, Anuşyň nesliniň wekilleri Köneürgenjiň mirasdüşer häkimleri bolup galyberýärler. Kutbeddin Muhammet Merwde gowy bilim alýar. Ol alymlara, dini işgärlere ýardam edipdir. Ol Seljuk türkmenleriniň döwletini berkitmekde Soltan Sanjara wepaly gullyk edipdir.

Köneürgenjiň kuwwatly we garaşsyz döwlet bolmagynyň hakyky aladasyny eden Muhammedin ogly Atsyz bolupdyr. Onuň döwründe dyngysyz uruşlaram, diplomatik gepleşiklerem dowam edipdir. Ol Syrderýanyň boýundaky gypjaklar we türkmenler bilen harby çaknyşyklar geçirýär. Jendi, Maňňyşlygy basyp alýar. Atsyz hökümdarlyk edýän territoriýasyny barha giňeldip, ýazyr, gaňly, gaýy, baýat ýaly güýçli türkmen taýpalaryndan ybarat güýçli goşun düzýär we seljuklaryň soltany Sanjara garşy uruş hereketlerini alyp barýar. Şeýlelik-de, ol seljuklaryň merkezi häkimiýetini ykrar etmän başlaýar we Köneürgenjiň özbaşdaklygy ugrunda göreşýär.

Soltan Sanjar Atsyzyň goşunyny birnäçe gezek derbi-dagyn eden hem bolsa, ony gutarnykly boýun egdirip bilmändir.

1156-njy ýylda Atsyz Günorta Türkmenistana iň soňky harby ýörişini geçirende, Nusaýyň golaýynda ölýär. Şondan soň Köneürgenç tagtyna onuň ogly Il Arslan çykýar. Il Arslan hökümdarlygyny özüne howply boljak bäsdeşlerinden dynmakdan başlaýar. Ol harby güýçlere aýratyn üns beripdir. Goşunyň esgerlerine berilýän ýer paýy we haky ep-esli artdyrypdyr. Ol Köneürgenç döwletini resmi taýdan garaşsyz diýip yglan edipdir.

Il Arslan ölenden soň, onuň ogullary Tekeş bilen Soltanşanyň arasynda häkimiýet ugrunda göreş başlanypdyr. Netijede, Köneürgenç döwletiniň tagtyna Tekeş çykýar. Soltanşa bolsa Merwde we Sarahsda öz hökümdarlygyny ýöredipdir. Ol ölenden soň hiç-hili gan döküşiksiz şol ýerler Köneürgenç döwletine birikdirilipdir.

Tekeşiň hökümdarlyk eden döwründe Köneürgenç döwletiniň territoriýasy Syrderýanyň aşaky akymlaryndan tä Yraga çenli giňelipdir. 1174-nji ýylda ol Nişapuryň hökümdary Muaýid al-Abany gutarnykly ýeňýär. 1196-njy ýylda Demirgazyk-Günbatar Eýran Köneürgenç döwletine tabyn edilýär. Bagdat halyfynyň goşunlary-da derbi-dagyn edilýär. Tekeş köplenç basyp alan welaýatlarynda ýerli ilatdan bolan hökümdarlary ýok edip, olary ogullary ýa-ba emirleri bilen çalyşýar eken. Şeýlelik-de, Köneürgenç döwleti musulman Gündogarynda iň güýçli döwletleriň birine öwrülýär. Ol öz taryhynda hiç wagt şeýle derejä ýetmändir. Şasenem, Zamahşar, Gäwürgala, Galalygyr we beýleki köne galalarda täzeden gyzgalaňly ýaşaýyş başlanýar. Ekerançylyk, maldarçylyk, senetçilik we söwda işleri çalt ösýär.

Tekeş ömrüniň soňky ýyllarynda Gur döwleti bilen uzaga çeken urşa başlapdyr. Ol uruş Tekeşiň ogly Muhammet şanyň (1200-1220 ýý.) döwründe hem dowam edipdir. Gurlar Horasanyň köp bölegini basyp alýarlar, hatda Köneürgenç döwletiniň paýtagtyna hem howp salýarlar. Köneürgenji gurlardan goramak üçin Türken hatynyň tagallasy bilen 70 müň adamdan ybarat meýletin goşun düzülipdir. 1204-nji ýylda gurlar derbi-dagyn edilýär we Balh bilen Gazna hem Köneürgenç döwletine goşulýar. Öňki Gaznadyr Gur türkmenleriniň mülkleri Muhammet şanyň uly ogly

Jelaleddin Meňburnuň ygtyýaryna geçýär. Mawerennahr tutuşlygyna Köneürgenç döwletine birikdirilýär.

Şeýlelik-de, mongol çozuşlarynyň öňüsyrasynda Köneürgenç döwleti ägirt uly territoriýany özüne tabyn edip, giňelmeginiň iň ýokary derejesine ýetipdir. Ol öz çäklerinde Merkezi Aziýany, Demirgazyk-Günbatar Gazagystany, Eýrandyr Yragy, Owganystany hem-de Demirgazyk Hindistany birleşdiripdir. Şol döwrüň alymlary an-Hesewi we as-Subki dagynyň habar bermegine görä, Köneürgenç döwletine tabyn edilen bu uly territoriýada 400-e golaý şäher bar eken.

Emma tagt ugrundaky göreş, halkyň Muhammet şanyň içeri we daşary syýasatyndan nägileligi Köneürgenç döwletiniň gowşamagyna getirýär. Bu bolsa mongol basybalyjylarynyň çozup gelmeginiň öň ýanynda ýurduň goranmak ukybyny peseldýär. Köneürgenç döwleti 1219-njy ýyldan başlap, mongollaryň yzygiderli çozuşlarynyň gurbany boldy we 1231-nji ýylda ýykyldy. Bu Jelaleddin Meňburnyň (1220-1231 ýý.) hökümdarlyk eden döwrüne gabat geldi. Türkmen hökümdary Jelaleddin Meňburun Köneürgenç döwletiniň iň soňky hökümdarydyr. Ol bütin yslam dünýäsiniň taryhyna iň mert, iň batyr hökümdarlaryň biri bolup geçdi.

### 3. Mongol basybalyjylaryna garşy göreş.

XII-XII asyrlaryň sepgidinde Mongolystanyň ilatynyň durmuşynda uly özgerişikler bolup geçýär. Ownuk tireler täze urug bileşmelerini (uluslary) döredýärler. Ulus başynda serkerde (noýon) durýar. Uluslary birleşdirmek ugrundaky göreşde Temuçin ýeňiş gazanýar. Oňa 1206-njy ýylda mongol han-begleriniň gurultaýynda Çingiz han («Beýik han») diýen at berlip, ol mongol taýpalarynyň ählisiniň ýokary harby serdary (kagany) diýip yglan edilýär.

Çingiz han gysga wagtyň içinde çarwa mongollardan düzülen güýçli atly goşuny döredip, basybaljylykly ýörişlerine başlaýar. 1211-1215-nji ýyllarda Demirgazyk Hytaýy basyp alandan soň, ol Merkezi Aziýa harby ýörişe taýýarlyk görýär. Çingiz han ýurduna gelýän täjirlerden Köneürgenç döwletiniň içki ýagdaýy, harby bölümleri, şäherleri, hökümdaryň içeri we daşary syýasaty barada yzygiderli maglumat alýar eken.

1218-nji ýylda Çingiz han ilçilerden we täjirlerden ybarat 500 adamy Merkezi Aziýa ýollaýar. Häzirki Günorta Gazagystandaky Otrar şäherine ýetende, mongol kerwenleri saklanýar. Ondaky harytlar talanýar we 450 adam öldürilýär. Bu çaknyşykly ýagdaý Çingiz hanyň Merkezi Aziýa çozmagy üçin bahana bolýar.

Çingiz han 1219-njy ýylyň güýzünde 150-200 müň atly goşun bilen Köneürgenç döwletiniň üstüne çozýar. Köneürgenç döwletine degişli bolan Otrar, Buhara, Samarkand şäherleri mongollar tarapyndan baslylyp alynýar.

Mongollara dagynyk halda garşylyk görkezmek netije bermänsoň, Köneürgenç döwletiniň hökümdary Muhammet şa aljyraýar we öz janyny halas etmek üçin samarkandy taşlap, Nişapura gaçýar. Soňra Muhammet şa Hazar deňizindäki Abeskun adasynda gizlenýär, şol ýerde-de keselläp, 1220-nji ýylyň dekabr aýynda ölýär. Ol ölmezinden öň ogullaryny ýanyna çagyryp, Jelaleddin Meňburny Köneürgenç döwletiniň tagtynyň mirasdüşeri edip belleýär.

1221-nji ýylyň başlarynda Çingiz hanyň ogullary Juçynyň, Çagataýyň we Ugedeýiň baştutanlygyndaky mongol goşunlaryň (käbir maglumatlara görä, 100 müň töweregi goşun we ýesirler) çar tarapdan Köneürgenç döwletiniň paýtagty Köneürgenç şäherine çozýarlar. Şäheriň gabawe alty aýa çekipdir we iň soňunda şäheriň emiri Humar tegininiň dönüklik edip, şäheriň derwezesini açmagy bilen, Köneürgenç 1221-nji ýylyň tomusynda mongollaryň eline geçýär. Taryhçy Reşiteddiniň maglumatlaryna görä, mongollaryň Köneürgençde wagşylyk bilen öldüren adamlarynyň umumy sany 1 mln 200 müň adama barabardyr. Sebäbi ilatyň uludan-kiçisine ählisi mongol basybalyjylaryna tabyn bolmak islemändir.

Mongol basybalyjylary Günorta Türkmenistanda hem ilatyň yzygiderli garşylyk görkezmegine duçar bolýarlar. Aýratyn hem Nusaýda we Merwde gazaply söweşler bolupdyr. 1220-nji ýylyň tomsunda basybalyjylar Nusaýy on bäş günlik gabawdan soňra basyp alypdyrlar. Bu wakalaryň şaýady Muhammet an-Nesewiniň maglumatlaryna görä, Nusaýda gyrlanlaryň sany 70 müň adama barabardyr.

1221-nji ýylyň fewralynda ýedi günlük gabawdan soň Merw hem mongollara boýun egýär.

Mongol basybalyjylaryna garşy göreşmek üçin, 1221-nji ýylyň tomsunda Jelaleddin Demirgazyk Owganystanyň Gazna şäherinde ornaşyp, 60 müň goşun

toplaýar. 1221-nji ýylyň güýzünde Çingiz han mongol goşunynyň esasy güýçleri bilen Jelaleddiniň garşysyna ugraýar. Taraplaryň güýçleri deň däldi, Jelaleddiniň nökerleri üç esse köp mongol goşunlaryna garşy söweşmeli bolupdy. 1221-nji ýylyň 24-nji noýabrynda Hind derýasynyň boýunda bolan söweşde mongollar Jelaleddiniň goşunyny dargatmagy başarýar. Jelaleddiniň özi bolsa az sanly goşuny bilen örän kyn ýagdaýda derýadan geçip, Demirgazyk Hindistana gidýär. Hindistanda üç ýyllap bolandan soň ol Demirgazyk Eýranda mekan tutup, mongollara garşy göreşe taýýarlyk görüpdir. 1228-nji ýylda mongallar bilen bolan söweşlerde Azerbaýjana tarap yza çekilmäge mejbur bolýar we göreşini dowam etdirmek üçin Zakawkazýede güýçli döwlet döetmäge synanyşyk edýär, emma merkezleşdirilen döwleti döretmek oňa başartmaýar. Jelaleddin Yspyhanda onuň garşysyna bolan kürtleriň eline tötänikden düşýär we 1231-nji ýylyň awgustynda öldürilýär.

Mongol basyp alyşlaryndan soňra türkmen ýerleri Çingiz hanyň nesilleriniň arasynda paýlaşylýar. Demirgazyk Türkmenistan Altyn Ordanyň düzümine girýär, Günorta Türkmenistan bolsa Hulaguwylar döwletiniň golastyna düşýär.

## 4. Türkmenistan Teýmirleň we teýmirileriň döwründe.

Türkmenistanyň XIV-XV asyrlardaky taryhy Orta Gündogaryň taryhynda uly yz galdyran Teýmirleň we onuň oruntutarlaryň bilen baglanyşyklydyr. XIV asyryň 60-njy ýyllarynda Sufy neberelerine (dinastiýasyna) degişli, asly türki-mongol çarwa han-beglerinden bolan Teýmirleň Mawerennahryň Keş (Şährisebz) welaýatynyň hökümdary bolýar. Onuň bir aýagy agsak eken. Şonuň üçin ol taryhda Teýmirleň adyna eýe bolýar (leň – parsça «agsak» diýmek). Teýmirleň 1366-njy ýylda Samarkandy eýeläp, 1370-nji ýylda Mawerennahryň doly hökümdary bolýar.

1379-njy ýylyň başlarynda ol Köneürgenji basyp alýar. Teýmirleň Günorta Türkmenistana hem birnäçe gezek talaňçylykly ýörişler geçirýär. Ol 1381-nji ýylda Keleti, Merwi, Nusaýy dolandyran Aly begi we Gürgeni, Mazanderany, Dehistany öz häkimiýeti astynda saklan emir Walyny özüne boýun egdiripdir. Tizara Aly beg we Waly ýene-de Teýmirleňe garşy çykyş edipdirler. Bu bolsa 1382-nji ýylda Horasanyň üstüne Teýmirleňiň täze ýöriş etmegine getiripdir. Onuň goşunlary Kelet galasyny

gabaýar. Aly beg jezalandyrylyp öldürilýär. 1384-nji ýylda bolsa Gürgen we Mazanderan Teýmirleň tarapyndan basylyp alynýar.

Teýmirleňiň harby güýjüniň esasy bölegini çarwa taýpalardan bolan meýletin goşun düzüpdir. Onuň düzüminde türkmen atlylary hem bolup, olar uzak harby ýörişlere gatnaşypdyrlar.

Teýmirleň 1389-1391 we 1394-1395-nji ýyllarda birnäçe gezek basybalyjylykly ýörişler geçirip, imperiýasyny giňeldipdir. Onuň düzümine Merkezi Aziýa, Altyn Orda, Türkiýe, Siriýa, Demirgazyk Afrika, Zakawkazýe, Eýran we Demirgazyk Hindistan giripdir. Imperiýanyň paýtagty Samarkant şäheri bolupdyr.

1405-nji ýylda Teýmirleň ölenden soň, onuň imperiýasy ikä bölünýär. Olaryň birinjisine tutuş Horasan, şol sanda Günorta Türkmenistanyň ýerleri giripdir we paýtagty Hyrat şäheri bolupdyr. Ol Teýmirleňiň ogly Şahruh tarapyndan dolandyrylypdyr. Ikinjisine Mawerennahr we Köneürgenç ýerleri degişli bolup, Samarkant şäheri onuň paýtagtyna öwrülipdir. Bu ýerleri Şahruhyň ogly Ulgbeg dolandyrypdyr, teýmirleňiň nesilleriniň arasynda häkimiýet ugrundaky özara göreşler imperiýany gowşadan hem bolsa, 1507-nji ýyla çenli basyplyp alnan ýerlerde olaryň täsiri saklanyp galypdyr.

Teýmirleňiň nebereleriniň (teýmirileriň) döwründe Günorta Türkmenistanyň hojalygynyň az-kem ösmegine we senetçiliginiň köne däpleriniň saklanyp galmagyna garamazdan, mongol çozuşyndan öňki derejä ýetilip bilinmändir. Şeýle-de bolsa, teýmiriler mongollardan soň haraba bolup ýatan Merw şäherini we Murgap derýasynyň suwaryş desgalaryny dikeldip, bu ýerlerde ýaşaýyşy täzeden janlanmagyna goşant goşupdyrlar.

Türkmen taýpalarynyň han-begleri Teýmiriler döwletiniň emeldarlary bilen dil tapmaga, bileleşikleri baglaşmaga mejbur bolan hem bolsa, olara doly boýun egmän, belli bir derejede özbaşdaklygyny saklap bilipdirler.

# 5-nji SAPAK

## *Tema:* XVII – XIX asyryň ortalarynda türkmen halkynyň syýasy we durmuş-ykdysady ýagdaýy

1. Türkmenleriň ýerleşişi, olaryň hojalygy we jemgyýetçilik durmuşy.
2. Türkmenleriň erkinlik ugrundaky göreşi.
3. XVII – XIX asyryň ortalarynda türkmenleriň medeniýeti.

Türkmen ruhunyň dördünji eýýamy XVII – XX asyrlary öz içine alýar.

Bu döwrüň ruhy ýolbaşçysy Magtymguly Pyragy bolup, oňony goçdyr. Bu döwürde türkmen ruhy taryhy-işjeňlik taýdan ep-esli gowşaýar. Bu döwürde birwagtky çykyp giden ojagyna dolanyp gelen türkmenler tire-taýpalara bölünen görnüşde ýaşaýşyny dowam etdirip, özüniň millet hökmündäki aýratynlygyny saklap galmagyň aladasy bilen bolýarlar.

Türkmen milletiniň dagynyklyk ýagdaýynda bolan şertlerinde Magtymguly, Zelili, Seýdi, Kemine, Mollanepes, Mätäji we beýleki türkmen şahyrlary türkmeniň ruhuny galkyndyrmaga uly goşant goşdular.

### 1. <u>Türkmenleriň ýerleşişi, olaryň hojalygy we jemgyýetçilik durmuşy.</u>

XVII asyrda türkmenler Müňgyşlakda, Horezmde, Lebapda, demirgazyk Owganystanda, Horasanda, Hazar deňziniň kenarynda, Balkan daglarynda, Etrek, Sumbar, Gürgen derýalarynyň boýunda, Astrabatda ýaşapdyrlar. Bu döwürde özleriniň bitewi, merkezleşen döwleti bolmansoň, türkmenler Eýranyň, Buhara we Hywa hanlyklarynyň özara tagt ugrundaky dawalaryna, döwletara uruşlaryna gatyşmaly bolupdyrlar. Bu bolsa türkmen halkynyň durmuşyna agyr täsir edipdir.

XVII asyrdan XIX asyryň ortalaryna çenli aralykda türkmen tire-taýpalarynyň ýaşan ýerleri, olaryň özlerine bagly ýa-da bagly bolmadyk syýasy we ykdysady sebäplere görä, birnäçe gezek üýtgäpdir.

XVII asyrda Hywa hanlygynda, Müňgyşlakda teke, ýomut, çowdur, salyr, ärsary we başga-da birnäçe türkmen taýpalary köpçülikleýin ýaşapdyrlar. Müňgyşlak türkmenleriň gadymy ýurdy hasaplanýar. Ol ýerde ýatan ata-babalarymyzyň guburlary hem muny subut edýär. Soňraky döwürlerde-de çykgynsyz kynçylykly ýagdaýa duçar bolanlarynda Müňgyşlak türkmenler üçin esasy gaçybatalga bolup hyzmat edipdir.

Etrek, Gürgen derýalarynyň boýlarynda, Astrabatda, Hazar deňziniň kenarlarynda ýaka türkmenleri ady bilen taryha giren okly, gökleň, ýemreli, salyr, dodurga, gireýli ýaly türkmen taýpalary ýaşapdyrlar.

XVII asyr türkmenleriň göçe-göçlük döwri bolupdyr. Şol asyryň ortalaryndan başlap, türkmen taýpalarynyň bir bölegi Russiýanyň günorta ýerlerine göçüp başlaýar. Oňa ilki bilen Müňgyşlak türkmenleriniň üstüne galmyklaryň çozuşlary sebäp bolupdyr. Rus topragyna ilkinji gadam basanlar çowdurlar bolup, soňra olara igdirler, abdallar, hojalar, söýünjalylar hem goşulypdyr. Olaryň bir bölegi Astrahanda, beýleki bölegi bolsa Demirgazyk Kawkazda mekan tutunypdyr. Häzirki wagtda olar astrahan türkmenleri, stawropol türkmenleri ady bilen bellidir.

XVII asyryň 70-nji ýyllarynda türkmenleriň ärsary taýpasy Müňgyşlakdan, Balkan daglaryndan, Uzboýdan gaýdyp, Lebaba we Demirgazyk Owganystana aralaşypdyrlar. XVII asyrdan öň hem Amyderýanyň iki tarapynda-da oturymly gadymy türkmenler ýaşapdyrlar. Lebap topragynda ärsarylardan başga-da esgi, baýat, sakar ýaly birnäçe taýpalar, saryklaryň we salyrlaryň uly topary ýaşapdyr. Saryklaryň we salyrlaryň bir bölegi Lebapda galypdyr, başga bir bölegi bolsa XVIII asyryň aýaklarynda Mary, Ýolöten, Sarahs etraplaryna süýşüpdir.

Türkmeniň uly taýpalaryndan biri bolan tekeler XVII asyrda ýomutlar bilen birlikde Balkanda, Wasda, Hywa hanlygynda ýaşapdyrlar. XVII asyryň ahyrynda Balkan daglarynda ýaşaýan ýomutlar has güýçlenip, san taýdan köpelipdir. Olaryň bir bölegi Etrek, Gürgen derýalarynyň boýlaryna, Hazaryň kenarýakasyna süýşüp ugrasa, beýleki bölegi Horezme gidipdir, az topary Balkan daglarynda galypdyr.

Teke türkmenleri XVIII asyryň başlarynda Balkan daglaryndan gaýdyp, köpçülikleýin Ahala tarap süýşüp ugrapdyrlar. Ýöne bulardan öň hem tekeleriň az-owlak bölegi Ahalyň gum eteklerinde ýaşaýan eken. Balkan daglaryndan gaýdan tekeleriň Ahalda ymykly ornaşmagyna meşhur türkmen serkerdesi Keýmir serdar baştutanlyk edipdir.

Ahalda ozaldan oturymly ýaşap gelýän saryklar we salyrlar Murgap sebitine, ýemreli, garadaşly, alili, mehinli türkmenleriniň bir bölegi hem Hywa we Etek sebitine göçüpdir,. Beýleki bir bölegi bolsa, öňki oturan ýerlerinde galypdyr. Ahalda tekeler bilen goňşuçylykda alili, mehinli, sünçeli, mürçeli, nohurly, änewli ýaly taýpalar ýaşapdyrlar.

Şol wagtlar Gyzylarbat (häzirki Serdar) bilen Gäwers (häzirki Ak bugdaý) aralygy Ahal, Gäwers bilen Duşak aralygy bolsa Etek diýlip atlandyrylypdyr.

XVIII asyryň 80-nji ýyllarynda Tejen derýasynyň boýunda Ahaldan gaýdan tekeleriň ep-esli bölegi mekan tutup, Mäne-Çäçe töwereklerine-de ýaýrapdyr. Bu tekeleriň bir bölegi soňra Mary sebitine ýerleşipdir.

XVIII asyryň ikinji ýarymynda gadymy Horezm topragynda ozaldan ýaşap ýören ýomutlar, çowdurlar bilen bir hatarda Ahaldan baran garadaşly, ýemreli we başga-da köp taýpalaryň wekilleri hem ýaşapdyrlar. Bularyň Hywa hanlygynda jemlenmeginiň esasy sebäpleri Balkan daglarynyň töwereginde öri meýdanlarynyň ýetmezçilik etmegi, Müňgyşlakda gazaklaryň we galmyklaryň eden-etdiliginiň güýçlenmegi, Ahalda ýer-suwuň, öri meýdanlarynyň ýetmezçilik etmegi ýaly birnäçe sebäpleden ybarat bolupdyr.

Agzalýan döwürde türkmenleriň göçe-göçlüginiň güýçlenmeginiň ýene bir sebäbi hem, Amyderýanyň öz akymyny Aral deňzine tarap öwürmegi bilen baglanyşyklydyr. Munuň netijesinde öňki suwarymly ýerlerde ýaşaýyş pese düşüp, türkmenler ekerançylyk üçin täze ýerleriň gözlegine çykmaga mejbur bolupdyrlar.

Türkmenleriň göçe-göçlügi soňky döwürlerde-de az-kem dowam edipdir. Bu ýagdaý XIX asyryň ortasynda esasan tamamlanyp, häzirki geografiki ýerleşişi ýaly durkuny saklaýar.

Uzak wagt dowam eden göçe-göçlük türkmen halkynyň oturymly durmuşa geçmegine, merkezleşen döwlet gurmagyna uly päsgelçilik döredipdir.

Öwrenilýän döwürde, ýagny XVII – XIX asyryň ortalarynda türkmenleriň hojalygynyň (ykdysadyýetiniň) esasyny ekerançylyk bilen maldarçylyk düzüpdir. Bulardan başga-da, türkmenler balykçylyk we awçylyk, hünärmençilik we senetçilik, şeýle-de söwda bilen hem meşgullanypdyrlar.

Maldarçylyk bilen meşgul bolýan göçme ilata çarwalar, ekerançylyk bilen meşgul bolýan oturymly ilata bolsa çomrular diýlipdir. Emma çarwalar bilen çomrularyň arasynda hiç hili üzňelik bolmandyr. Olar biri-biri bilen berk baglanyşykly eken. Bir obada, hat-da bir maşgalada çarwaçylyk bilen meşgul bolýan hem, ekerançylyk bilen iş salyşýan çomrular hem bolupdyr. Tebigy şertlere, suwarymly ýerleriň möçberine görä, kä ýerlerde ekerançylyk agdyklyk etse, beýleki bir ýerde maldarçylyk agdyklyk edipdir.

Türkmenistanyň şertlerinde ekerançylyk, esasan, iki usuldan: suwarymly we düme ekerançylygyndan ybarat bolupdyr. Düme ekin, esasan, dag eteklerinde giňden ýaýrapdyr. Ol ýagyş-gar suwuna ekilipdir.

Türkmenlerde ýer eýeçiliginiň, suwdan peýdalanmagyň birnäçe görnüşleri bolupdyr. Olaryň esasy görnüşleri sanaşyk, mülk, atlyk we wakyf ýerleridir. Tutuş oba jemagatynyň eýeçiliginde bolan we oba jemagatynyň ähli agzalarynyň arasynda bije atmak arkaly her bir agza bir paý görnüşinde paýlanan ýerlere *sanaşyk* ýerleri diýlipdir. Mundan başga-da, Günorta Türkmenistanda aýry-aýry hojalyklara degişli *mülk* ýerleri hem bolupdyr. Hywa hanlygynda we Buhara emirliginde ýaşaýan türkmenlerde ýer-suw eýeçiliginiň *atlyk* görnüşi, ýagny hanyň goşunynda nöker gullugyny berjaý edenlere bölünip berilýän ýer-suw paýy bolupdyr. Hywa hanlygynda we Buhara emirliginde *wakyf* ýer eýeçiligi-de bolupdyr. Şeýle ýerler döwlet tarapyndan, iri mülkdarlar ýa-da oba jemagaty tarapyndan ady ile ýaýran belli ruhanylara, olaryň saldyran metjitdir medreselerine bagyş edilen müdimilik ýer eýeçiligidir.

Agzalýan döwürde türkmenler maldarçylyk bilen hem içgin meşgullanypdyrlar. Olar mallary dag-düzlerde, giň Garagum çölünde bakypdyrlar. Maldarçylyk Balkanda, Ahalda, Maryda, Lebapda, Horezmde, Etrek-Gürgen sebitlerinde uly ösüşe eýe bolupdyr. Maryda Saryja baýyň ýetişdiren saryja goýunlarynyň tohumlary häzire çenli öz ähmiýetini ýitirmeýär. Soňabaka garaköli goýunlarynyň tohumy giňden ýaýrapdyr. “Bakgan” tohumly goýunlaryň agramy 60-80 kilograma çenli ýetipdir.

Balykçylyk bilen Hazar deňiziniň gündogar kenarlarynda ýaşaýan türkmenler meşgullanypdyr.

Türkmenleriň durmuşynda hünärmentçilik, senetçilik we söwda hem uly orun tutupdyr. Bular hojalygyň ekerançylyk, maldarçylyk we balykçylyk pudaklary bilen aýrylmaz baglanyşykly bolupdyr. Çarwalar hem, çomrular hem hünärmentçilikden arany üzmändirler. Özleri üçin zerur bolan zähmet gurallarynyň köp bölegini, şeýle hem bezeg şaý-seplerini, öý goşlarynyň (haly, palas, keçe we ş.m.-leri) türkmenleriň özleri öndüripdirler.

Türkmenleriň dagynyklyk döwründe merkezleşen döwlet bolmansoň, döwletiň ähli wezipelerini *oba jemagaty* ýerine ýetiripdir. Türkmen jemgyýetinde adamlaryň arasynda sosial taýdan deňsizligiň bolandygyna garamazdan, ykdysady we syýasy durmuşda gadymdan gelýän demokratik we deňhukuklylyk däbi dowam edipdir. Oba jemagaty adatyň we şerigatyň kada-kanunlary esasynda bütin obany dolandyrypdyr. Adat – türkmenleriň ýazylmadyk milli kada-kanunlary, şerigat bolsa, yslam dininiň kada-kanunlarydyr.

Türkmenlerde maşgalabaşy erkek kişiler hasap edilipdir, munuň bilen bir hatarda, aýal-gyzlar hem azatlykdan peýdalanypdyrlar. Türkmen aýallaryndan hanlyk derejesine ýetenler hem bolupdyr.

Türkmen jemgyýetiniň dolandyryş düzgüniniň düzüminde iň ýokary edara *Maslahat* bolupdyr. Maslahat saýlawly edara bolup, onuň düzümine esasan hanlar, serdarlar, miraplar, kethudalar, ruhanylar we başga-da atly-abraýly adamlar giripdir. Saýlawlara birnäçe adam hödürlenipdir. Maslahat bir ýyllyk möhlet bilen saýlanypdyr. Maslahat umumy tire-taýpa we oba jemagaty derejesinde geçirilipdir. Maslahatda harby we hojalyk meselelerine seredilipdir. Umumytaýpa maslahatyna Ahalda Maslahat, Maryda Geňeş diýipdirler. Döwrüň talabyna görä, umumytaýpa maslahatynda onuň baş hany hem saýlanypdyr. Mysal üçin, XIX asyryň 50-nji ýyllarynda Ahalda Nurberdi han, Maryda Gowşut han baş hanlyga saýlanypdyr.

Oba boýunça geçirilýän maslahata oba jemagatynyň doly hukukly ähli agzalary gatnaşyp bilýän eken. Maslahatda obanyň gündelik durmuşy bilen baglanyşykly meselelere seredilipdir. Olar, esasan, obany duşmandan goramak, ýap gazmak, ony arassalamak, ýer-suw paýlamak, mirap saýlamak, jemagatyň düzümine täze agzalary kabul etmek ýaly birnäçe meseleden ybarat bolupdyr. Maslahatda kararlar köplügiň sesi boýunça kabul edilip, azlyk köplüge boýun bolupdyr. Hat-da hanlar, serdarlar, kethudalar, ruhanylar hem şoňa boýun bolmaly eken. Eger-de kimde-kim maslahatyň kararlaryny ýerine ýetirmese, ol adam jemagatyň doly hukukly agzalygyndan, ýer-suw eýeçiliginden mahrum edilipdir.

Türkmenlerde hanlar, serdarlar, ruhanylar jemagatda uly hormata eýe bolupdyrlar. Hanlar we serdarlar pähim-paýhasly, ugurtapyjy, batyr, edermen, harby tälime ökde adamlardan saýlanypdyr. Olar maslahat tarapyndan özlerine ýüklenen hem parahatçylykly, hem harby tabşyryklary ýerine ýetiripdirler. Hanlyk we serdarlyk miras boýunça nesilden-nesle geçmändir, halk ynamy ödemedik han-serdarlary aýryp hem bilipdir.

Türkmen hanlarynyň mydamalyk goşuny we zyndany bolmandyr. Emma olar halka diýenini etdiripdirler, baş-başdaklyga ýol bermändirler. Ahalda Nurberdi han, Maryda Gowşut han, Hazar kenarynda Kyýat han öz ýaşaýan sebitlerinde baş han bolup, halka uly hyzmatlar edipdirler.

Günorta we Günbatar Türkmenistandan tapawutlylykda, Hywa hanlygynda we Buhara emirliginde ýaşaýan türkmen tire-taýpalarynyň baş hany bolmandyr. Her bir türkmen tiresiniň özbaşdak hany ýa-da kethudasy bolupdyr, türkmen tire-taýpalarynyň üstünden umumy gözegçiligi bolsa hanyň ýa-da emiriň ýörite emeldarlary amala aşyrypdyrlar.

## 2. **Türkmenleriň erkinlik ugrundaky göreşi.**

Türkmenleriň XVII asyrdan XIX asyryň ortalaryna çenli bolan taryhy Eýran, Hywa, Buhara hem-de Russiýa ýaly goňşy döwletler bilen ýakyndan baglanyşyklydyr. Sebäbi şol döwürde Türkmenistanyň kä bir ýerleri goňşy döwletleriň düzümine girip, iň bolmanda kem-käsleýin raýat bolupdy. Türkmeniň özbaşdaklygyny saklan ýerleri-de goňşy döwletler tarapyndan yzygiderli talaňçylyklara sezewar edilýärdi. Olar ýerli-ýerden türkmen topraklaryna göz gyzdyrýardy. Şeýlelikde, 350ýyl çemesi wagtlap türkmen ýerleri türkmenlere bagly bolmadyk sebäplere görä, jeň meýdanyna öwrülipdi. Şeýle hem bolsa, keseki ýurtly basybalyjjylara türkmen halkyny doly boýun egdirmek başartmandy.